TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ ÝURDUMYZDA OBA HOJALYK PUDAGYNDA GEÇIRILÝÄN ÖZGERTMELERI HAS-DA KÄMILLEŞDIRMÄGE WE OBA HOJALYK EKINLERINIŇ HASYLLYLYGYNY YZYGIDERLI ÝOKARLANDYRMAGA MÖHÜM ÄHMIÝET BERILÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

15-nji noýabr, 2024. Belgisi 46/1612



Iş maslahatynda welaýatlaryň häkimleri sebitlerde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler.

# OBA HOJALYK IŞLERI TALABALAÝYK ALNYP BARYLÝAR

**11-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň sebitlerinde we oba hojalyk toplumynda alnyp barylýan işlere, Oba milli maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen baglanyşykly meselelere garaldy.**

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýetişdirilen pagta hasylyny iň soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak boýunça degişli işler dowam edýär. Şunda oba hojalyk tehnikalary netijeli işledilýär, ýygnalan hasyl kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul edilýär. Welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri geçirilýär. Geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerleri ekiş möwsümine taýýarlamak maksady bilen, meýdanlarda sürüm işleri alnyp barylýar. Welaýatlaryň çägindäki medeni-durmuş maksatly binalaryň we ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegini üpjün etmek boýunça zerur çäreler görülýär. Şeýle hem häkimler welaýatlarda Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlaryndaky pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýygnap almagyň, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi we bu babatda häkimlere anyk tabşyryklary berdi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän dürli maksatly desgalardaky gurluşyk işleriniň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu günler welaýatlarda ýetişdirilen pagta hasylyny soňky hanasyna çenli ýitgisiz ýygnap almak, ýygnalan hasyly kabul ediş harmanhanalarynda, pagta arassalaýjy kärhanalarda bökdençsiz kabul etmek, bu işlerde ulanylýan oba hojalyk tehnikalaryny, awtoulaglary netijeli işletmek boýunça zerur çäreler görülýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda degişli ideg işleri, hususan-da, gögeriş we ösüş suwuny tutmak işleri ýerine ýetirilýär. Şunuň bilen birlikde, geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm işleri dowam edýär. Daşoguz, Lebap welaýatlarynda ýetişdirilen şaly hasylyny, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyrynyň hasylyny ýygnap almak boýunça degişli çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk pudagynyň öňünde ekinleriň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek arkaly, ilaty dürli görnüşli azyk önümleri, senagat kärhanalaryny çig mal bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek ýaly möhüm wezipeleriň durýandygyny nygtady we wise-premýere möwsümleýin işleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, welaýatlarda ýetişdirilen pagtany iň soňky hanasyna çenli ýygnap almak üçin geçirilýän işlere berk gözegçilik etmegiň, ýygym möwsüminde kombaýnlaryň we beýleki tehnikalaryň, pagta arassalaýjy kärhanalaryň, kabul ediş harmanhanalarynyň doly güýjünde işledilmeginiň möhümdigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz bugdaý ekilen meýdanlardaky ideg işleriniň geçirilişine berk gözegçilik etmegi, haşal otlara garşy işleriň öz wagtynda, talabalaýyk alnyp barylmagyny, bugdaý meýdanlarynda gögeriş we birinji ösüş suwuny tutmak, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleriniň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini üpjün etmegi, kadaly gögeriş alynmagyna aýratyn üns bermegi tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, welaýatlarda geljek ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerlerde sürüm işleriniň talabalaýyk geçirilişini berk gözegçilikde saklamak, önüm öndürijiler bilen hyzmat ediji edara-kärhanalaryň arasynda şu ýylyň pagta, geljek ýylyň bugdaý hasyly babatda ýerine ýetirilen işler üçin hasaplaşyklaryň öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Döwlet Baştutanymyz Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şalynyň, Mary welaýatynda gant şugundyrynyň hasylyny ýitgisiz ýygnap almak üçin degişli işleri geçirmek, sebitlerde bilim, medeniýet, dolandyryş, jemgyýetçilik edaralarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegini üpjün etmek babatda tabşyryklary berdi. Mundan başga-da, şu ýyl welaýatlarda açylyp ulanmaga berilmegi meýilleşdirilen medeni-durmuş, önümçilik maksatly desgalarda gurluşyk işleriniň barşyna berk gözegçilik etmek tabşyryldy.

## Türkmenistan – parahatçylygyň mekany

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda güneşli Diýarymyz tutuş dünýäde parahatçylygyň we asudalygyň, agzybirligiň hem-de jebisligiň höküm sürýän, demokratik özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylýan ýurdy hökmünde giňden



tanalýar. Ata Watanymyzyň ykdysadyýetde, syýasatda hem-de ynsanperwer ulgamlarda çalt depginler bilen ösýän kuwwatly döwlet hökmünde ykrar edilmegi belent abraý-mertebäniň, gazanylýan köptaraply üstünlikleriň kepilidir. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzyň döwlet syýasatynyň hem-de durmuş-ykdysady ösüşleriň ählisiniň özenini düzýän «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgelere berk eýermek bilen gazanylýan üstünlikleriň netijesinde merdana, zähmetsöýer, agzybir halkymyz abadan, bolelin, eşretli durmuşyň hözirini görýär. ■ 2

## «GORKUT ATA» HALKARA KINOFESTIWALY DOWAM EDÝÄR

**13-nji noýabrda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Gorkut ata» atly halkara kinofestiwal badalga aldy. Türki döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýän bu forumyň baş maksady kinematografiýa boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan, kino sungatyny ösdürmekden, dünýä jemgyýetçiligini türki halklaryň medeniýeti bilen tanyşdyrmakdan ybaratdyr. Çärä türki döwletler bilen bir hatarda, Russiýa Federasiýasyndan meşhur kino hünärmenleriniň, aktýorlaryň we bilermenleriň gatnaşmaklary bu ugurda giň gerimli gatnaşyklaryň ýola goýlandygyna şaýatlyk edýär.**

Halkara kinofestiwalyň Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli guralýandygyny bellemek gerek. Geçen ýyl türki dünýäniň III kinofestiwalynda Türkmenistana «Gorkut ata» kinofestiwalyny geçirmek nobatynyň nyşany bolan «Durna» heýkeljigi gowşurylypdy.

Kinofestiwalyň açylyş dabarasyna ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary, türki döwletleriň aktýorlary, režissýorlary, kinematografiýa işgärleri gatnaşdylar. Däp bolşy ýaly, gyzyl haly düşelen ýodajykdan bäsleşigiň eminleri, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýa Federasiýasynyň Başgyrdystan, Tywa, Çuwaş Respublikalarynyň, Moldowanyň, Türkiýäniň, Özbegistanyň hem-de ýurdumyzyň wekiliýet agzalary ýöräp geçdiler.

Mukamlar köşgüniň baýramçylyk äheňinde bezelen eýwanynda türkmen kinematografiýasynyň taryhyndan söz açýan



sergi ýaýbaňlandyryldy. Bagşy-sazandalaryň ýerine ýetiren halk aýdym-sazlary dabara milli öwüşgin çaýdy. Kinofestiwal Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň artistleriniň we ýurdumyzyň tans toparlarynyň ýerine ýetirmeginde «Türkmen dünýäsi» atly edebi-sazly kompozisiýa bilen açyldy.

Türkimedeniýetiň halkara guramasynyň Baş sekretary Sultan Raýew gutlag sözünde guramanyň bu kinofestiwal arkaly türki dünýäniň gymmatlyklaryny tutuş Ýer ýüzüne görkezmäge, bu ulgamdaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge çalyşýandygyny belledi hem-de festiwalyň ýokary guramaçylyk derejesi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Soňra milli lybasly oglan «Durna» heýkeljigini getirýär. Türkmenistan şu ýyl bu göçme nyşany Gazagystana geçirýär. Soňra myhmanlar çeper we dokumental filmlere baha berýän eminler topary bilen tanyşdyryldy.

Medeni dialogyň esasy wezipesi mede-




niýetleriň arasyndaky toplumlaýyn, köptaraply gatnaşyklary ýola goýmakdan, türki halklaryň baý medeni taryhy mirasyny, sungatda, kinematografiýada gazanylýan üstünlikleri wagyz etmekden, döredijilik gatnaşyklaryny höweslendirmekden ybaratdyr.

«Meňli» we «Aşgabat» toparlarynyň çykyşy milli däp-dessurlary wagyz edýän aýdym-sazlar bilen utgaşyp, nesilleriň dowamatlylygyny alamatlandyrdy. Türkmen kinofilmlerindäki aýdymlar kino sungatynyň bu giň gerimli çäresine aýratyn öwüşgin çaýdy. ■ 2

## «Türkmentel–2024» atly Halkara sergi we ylmy maslahat

14-nji noýabrda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda telekommunikasiýa, telemetriýa, maglumat tehnologiýalary we teleradio enjamlary boýunça «Türkmentel-2024» atly XVII Halkara sergisi we ylmy maslahatynyň açylyş dabarasy boldy.

Halkara foruma birnäçe halkara guramalaryň, önüm öndüriji we programma üpjünçiligini



taýýarlaýan kompaniýalaryň 150-den gowragynyň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň, halkara sergä bolsa daşary ýurtly we ýerli kompaniýalaryň 60-dan gowragy gatnaşýarlar. Bu kompaniýalar sergide sanly ykdysadyýet, kiberhowpsuzlyk, maglumat goraglylygy, telekommunikasiýa, maglumat we kompýuter tilsimatlary, hemra aragatnaşyk ulgamynyň enjamlary, öýjükli aragatnaşygyň 5G ülňüleri ýaly ugurlarda gazanylanlar bilen tanyşdyrýarlar.

Forumyň çäklerinde «Türkmenaragatnaşyk» agentligi we Bütindünýä poçta birleşigi bilen bilelikde «Poçta ulgamyndaky sanly geçiş» atly okuw maslahaty geçiriler. ■ 2




BMG-niň howa boýunça maslahaty
11-22-nji noýabr aralygynda Bakuda dünýäniň iň uly we abraýly çäreleriniň biri hasaplanýan BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 29-njy maslahaty (COP29) geçirilýär. 4



Kosmonawt bolmagy arzuw edýärin
Çagalyk ýyllary arzuwlaryň möwç alýan döwri hasaplanýar. Her bir adam özüniň haýsy hünäri saýlajakdygy barada çagalyk ýyllarynda arzuw edýär. 5



Gonkur baýragyna mynasyp boldy
4-nji noýabrda Parižäki «Drouant» restoranynda Fransiýanyň esasy edebiýat baýragy bolan Gonkur baýragynyň ýeňijisi mälim edildi. 6



Koko Gauff möwsümi jemledi
Tennis boýunça zenanlaryň arasynda möwsümiň jemleýji ýaryşy «WTA Finals» tamamlandy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde geçirilen ýaryşa WTA-nyň sanawynda öňde barýan 8 tennisçi gatnaşdy. 7



«Brest» topary geň galdyrmagyny dowam edýär
UEFA Çempionlar Ligasynyň liga görnüşdäki ilkinji möwsüminde duşuşyklaryň deň ýarysy tamamlandy. Sanawa seredenimizde, 4 oýnuň netijesinde garaşylyşyndan üýtgeşigräk klublary görmek bolýar. 8

## Ýylyň binasy saýlandy

Singapurda geçirilen Bütindünýä binagärlik sergisiniň çäklerinde «Ýylyň binasy» saýlandy. Emin agzalary şeýle derejä Awstraliýadaky başlangyç synp mekdebiniň binasyny mynasyp görüpdirler. Baýrak şu ýyl 17-nji gezek berildi. Mekdebiň binasy dünýäniň dürli ýerlerinde gurlan köp gatly beýik binalar, muzeýler, galereýalar ýaly 220-den gowrak desgadan öňe saýlanypdyr. Sidneý sebitindäki Darlington ştat mekdebi geçen ýyl açylypdyr. Bina täsin üçegi bilen ünsi özüne çekýär. Kerpiçden gurlan binanyň howlusynda basketbol meýdançasy bolup, mekdebiň ýanaşyk ýerleri okuwçylaryň arassa howada gezelenç etmekleri üçin ýörite dizaýn edilipdir. Bu ýerde gurlan saýawanlar çagalary ýiti Gün şöhlesinden goraýar. Mekdebiň içi ýerli halka mahsus bolan sungat eserleri bilen bezelipdir. Şeýle hem, howluda sebitde bitýän ösümlikler oturdylypdyr.



Baýrak sport, ulag, saglygy goraýyş, ýaşaýyş jaý ýaly jemi 18 ugurdan berilýär. «Ýylyň binasy» bolsa, şolaryň ýeňijileriniň arasyndan saýlanýar. Emin agzalary şu ýyl yzly-yzyna ikinji gezek baş baýraga okuw binasyny mynasyp gördüler. Geçen ýyl Hytaýdaky bir mekdebiň binasy baş baýragy alypdy.

**Enemaýa HAÝYDOWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

## Hindistan öňe geçer

Geçen ýyl dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistan ykdysady taýdan hem ösýär. Halkara pul gaznasy bu ýurduň 2024-nji ýylda 7, geljek ýyl 6,5 göterim ösjekdigini çaklaýar. Ýaponiýanyň ykdysady ösüşi bolsa, üstümizdäki ýylda 0,3 göterim, 2025-nji ýylda 1,1 göterim ýokarlanar. Bu ösüş dowam eden ýagdaýynda jemi içerki önümi babatda Hindistan ýakyn geljekde Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde dördünji bolar. Ýaponiýa bolsa, bäşinji orna düşer.



Halkara pul gaznasy bu üýtgeşikligiň geljek ýyl, «S&P Global Ratings» bolsa, 2030-njy ýylda boljakdygyny çaklaýar. Ýaponiýa 2010-njy ýyla çenli jemi içerki önüm babatda dünýäde ABŞ-dan soňra ikinji ýerde durýardy. Şol ýyl Hytaý bu ýurtdan öňe saýlandy. Soňra bolsa Germaniýa jemi içerki önümi babatda Ýaponiýadan öňe geçdi.

**Näzik KERIMOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Has uly uçar öndürer

Hytaýyň COMAC kompaniýasy has uly göwrümli «C929» uçaryny öndürer. 280-400 orunlyk bu uçaryň ilkinji müşderisiniň «Air China» awiakompaniýasy bolandygy mälim edildi. «C929» atly howa gämisi 12 müň kilometre çenli ýangyç üçin düşlemezden ýol geçip biler. Bu barada Çžuhaý şäherinde geçirilen awiasiýa sergisinde mälim edildi. «C929» uçary «Airbus» hemde «Boeing» uçarlarynyň iki koridorly modelleri bilen bäsleşer, ýagny «Boeing 787 Dreamliner» uçaryna meňzeş bolar. «Air China»-nyň näçe uçar sargyt edendigi mälim edilmedi.



Kompaniýa häzirki wagtda «C919» atly orta aralyga gatnamaga niýetlenen uçarlary öndürýär. Bu ýolagçy uçarlar geçen ýyldan bäri ýurduň içerki gatnawlarynda peýdalanylýar.

**Ýazgeldi TÄÇMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Çip önümçiligine goldawyny artdyrar

Ýaponiýa ýarymgeçiriji önümçiligine 65 milliard dollarlyk goldaw berer. Çip önümçiligini artdyrmak maksady bilen berilýän bu goldaw dürli ýeňilliklerden we maliýe goldawyndan ybarat bolar. Taslamanyň çäklerinde emeli aň çipleriniň önümçiliginiň hem artdyrylmagy meýilleşdirilýär. Bu taslama 10 ýylyň dowamynda 50 trillion ýen (325 milliard amerikan dollary) maýa goýmaga sebäp bolar. Netijede, onuň ykdysadyýete täsiri 160 trillion ýen bolar.



Ýaponiýa daşary ýurtlardan getirilýän çipleriň möçberini azaldyp, halkara bazardaky ýapon önümleriniň ornuny berkitmegi maksat edinýär.

**Maýa ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Gibrid we elektroulag satuwy artýar

Dünýäde gibrid we elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň satuwynyň barha artýandygy mälim edildi. Geçen aý şeýle ulaglaryň satuwy 35 göterim artyp, 1,72 milliona ýetdi. Bu barada «Rho Motion» maslahat beriş kompaniýasy mälim etdi. Iňlis kompaniýasynyň maglumatyna görä, oktýabrda satylan gibrid we elektroulaglaryň sany sentýabr aýyndakydan 50 müň sany köp bolupdyr. Şeýlelikde, ýylyň onunjy aýynda täze rekord hasaba alnypdyr. Bu ulaglaryň satuwy, esasan, Hytaýda amala aşyrylypdyr. Dünýäniň iň uly awtoulag bazary bolan Hytaýda 1,2 million elektroulag satylypdyr. Bu görkeziji Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda hem-de Angliýada 0,8 göterim ýokarlanyp, 260 müňe ýetipdir.



Şeýle hem ýylyň başyndan bäri jemi elektroulag satuwy 24 göterim artyp, 13,3 milliona ýetipdir. Maslahat beriş kompaniýasynyň bilermenleri elektroulag satuwynyň artyşynyň ýylyň ahyryna çenli dowam etjekdigini belleýärler.

**Ybraýymmuhammet KÖLLIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## «Gorkut ata» halkara kinofestiwaly dowam edýär



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Soňra «Gorkut ata» kinofestiwalyna gatnaşýan çeper, dokumental filmler bilen tanyşdyrýan gysga görnüşli wideorolikler görkezildi. Şeýlede festiwala gatnaşyjylar Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň surata düşüren filmleri barada gysgaça maglumat berýän wideoşekillere tomaşa etdiler. Tomaşaçylar umumadamzat medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan «küştdepdi» tansyny ýerine ýetiren «Miras» folklor toparynyň çykyşyny şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar.

Üç günüň dowamynda tomaşaçylar köpçüligine paýtagtymyzdaky «Aşgabat» kinoteatrynda, «Watan», «Türkmenistan» kinokonsert merkezlerinde ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň kino ussatlary tarapyndan döredilen filmler görkezilýär. Kinofestiwalyň maksatnamasynyň çäklerinde daşary ýurtly kinematograflaryň we artistleriň Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplary üçin ussatlyk sapaklary geçirdiler. Mundan başga-da, «Aşgabat» myhmanhanasynda TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň kinematograflarynyň duşuşygy boldy.

Şeýlelikde, sungatyň güýji kalplary birleşdirýän gudrata öwrülýär. «Gorkut ata» halkara kinofestiwalynyň çäklerinde geçiriljek çäreler bolsa halklaryň arasyndaky dost-doganlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, medeni hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşant goşar.

## «Türkmentel–2024» atly Halkara sergi we ylmy maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Çäräniň çäklerinde «Sanly çözgüt – 2024» atly innowasion taslamalaryň nobatdaky bäsleşiginiň jemi jemlener we onuň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy hem bolar.

Hormatly Prezidentimiz halkara sergä hem-de ylmy maslahata gatnaşyjylara Gutlag hatyny ugratdy. Gutlagda – Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny işjeň durmuşa geçirmek arkaly hyzmatdaş ýurtlar bilen öz döwründe Gündogaryň we Günbataryň medeniýetlerini baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki şertlerde täzeden dikeldilmegine işjeň gatnaşýar hem-de öz goşandyny goşýar. Ýurdumyzda bu ugurda sebit hem-de ählumumy ähmiýetli maslahatlar, forumlar yzygiderli geçirilýär. Ösüşiň innowasion ýoluny üpjün edýän telekommunikasiýa ulgamyny kämilleşdirmekde, dünýä ähmiýetli iri taslamalary, milli maksatnamalary durmuşa geçirmekde telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel – 2024» atly XVII Halkara sergisiniň we ylmy maslahatyň ähmiýeti hem örän uludyr – diýlip bellenilýär.

Her ýyl geçirilýän «Türkmentel» atly telekommunikasiýalar, telemetriýa, maglumat tehnologiýalary we ýaýlym enjamlary boýunça halkara sergi ýurdumyzda telekommunikasiýalar pudagynyň täzelikleri hem-de ugurlary bilen tanyşmaga uly mümkinçilik döredýär. Bu halkara forum sebitiň maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalar ulgamynda möhüm ähmiýete eýe bolup, ýokary tehnologiýalar, innowasiýalar ugrunda özara pikirleri, tejribeleri we iň täze gazanylanlary alyşmak üçin amatly meýdançany hödürleýär.



**Zarina BAZAROWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň kafedra müdiri.*

## «Alaja» ykjam programmasy siziň hyzmatyňyzda

Ýurdumyzda dünýä, sebit we milli ykdysadyýet üçin ähmiýetli çäreler, sergiler yzygiderli geçirilýär. Ine, şu günler hem biz şeýle çäreleriň biriniň şaýady bolýarys.

Aşgabatdaky Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşini we pugtalanýan kuwwatyny tassyklaýan telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň «Türkmentel—2024» atly XVII Halkara sergisi geçirilýär. Bu sergide ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň aýrylmaz bölegi bolan aragatnaşyk we logistika ulgamynda ýetilen sepgitler açylyp görkezilýär. Biz hem bu sergä gatnaşyp, «Belli Asman» hojalyk jemgyýetinde işleýän ýerli hünärmenlerimiz tarapyndan taýýarlanan dünýä tejribesinde giňden ýaýran, durmuş ulgamlary we bazar ýerleri taslamasyny, ýagny «Alaja» atly ykjam programma üpjünçiligini hödürledik.




Bu programma habarlary we okuw materiallaryny ýaýratmaga, sosial ulgamlary içgin öwrenmäge, elektron söwdany ösdürmäge, täze iş orunlaryny tapmaga, elýeterli harytlary we hyzmatlary tapmaga, pudaklarda täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, sarp edijileriň hukuklaryny we howpsuzlygyny bilmäge, bilim we jemgyýetçilik ösüşi baradaky maglumatlary öwrenmäge ýardam berer. Programma arkaly ulanyjylar wideo we sesli jaň edip, hat, surat, ses ýazgysyny ugradyp bilerler. Şeýle hem şular ýaly ençeme ähmiýetli zatlary biziň ykjam programmamyzdan tapyp bilersiňiz. «Alaja» programmasyny ýükläp, dostlaryňyz bilen aragatnaşykda boluň!

Pursatdan peýdalanyp döwletimizi dünýäniň ösýän döwletleriniň hataryna goşmakda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejelerini ýokarlandyrmakda alyp barýan döwletli işleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirýäris.

**Mekan EÝEBERDIÝEW,**
*«Belli Asman» H.J-niň baş müdiriniň orunbasary, «Alaja» atly ykjam programmanyň esaslandyryjysy.*

## Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan Bitaraplyk, hoşniýetli goňşuçylyk, «Açyk gapylar» syýasatyndan gözbaş alýan daşary syýasatyň netijesinde dünýä ýurtlary bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň has ösdürilmegi, ylym-bilim babatynda hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy we giňeldilmegi ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde dünýäniň öňdebaryjy ylym-bilim merkezleri hem-de ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk işleri giň gerimde ýola goýulýar we ösdürilýär. Şonuň netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen yzygiderli halkara ylmy maslahatlaryny hem-de internet olimpiadalaryny guraýar.

Ýurdumyzyň baýry bilim ojagy bolan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 2024-nji ýylyň 25–30-njy noýabry aralygynda Himiýa boýunça III halkara olimpiadasy we onuň bilen ugurdaş halkara ylmy-amaly maslahaty guralar. «Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyndan», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyndan» ugur alyp Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty 9-njy noýabrda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Tehniki ýumuş esasynda platformany işläp düzmek» ady bilen programmirleme arkaly daşary ýurt dillerini aňsat ýol bilen öwretmek boýunça hakaton bäsleşigini geçirdi. Noýabr aýynyň ikinji ýarymynda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti filosofiýa hem-de ykdysadyýet boýunça I halkara olimpiadany geçirer. 20-nji noýabrda Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde biologiýa boýunça III halkara internet olimpiadasy geçiriler.

Şeýle hem Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan 2024-nji ýylyň 5-6-njy dekabrynda «Daşary ýurt dillerini öwretmegiň innowasion usullary we tehnologiýalary» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçiriler.

**Akmaral BABAJANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



## 10 ýyldan soň açyldy

Awstraliýanyň Jelong şäherindäki botanika bagynda ösüp oturan «Rafflesia Arnoldii» güli açyldy. Ösümligiň bu görnüşi seýrek ýagdaýda açylýar. Gülüň açylanyny eşiden adamlar ony görmek we surata düşürmek üçin baga ýygnandylar. Bu gül dünýäniň iň uly güli hasaplanyp, gülýapraklarynyň diametri 1 metre ýetýär. Ösümlik ortaça, 10 ýyldan bir gezek gül açýar. Owadan hem bolsa, gülüň örän ýakymsyz ysy bar. Botanika bagynyň ýolbaşçylary güli göni ýaýlym arkaly köpçülige ýaýratdylar. Bu ösümlik bir-iki günden solýar. Bu ýagdaý bolsa, ony görmek isleýänleriň sanyny artdyrýar.

Ösümlik tebigy ýagdaýda Sumatra we Borneo adalarynda hem-de Tailandda duş gelýär.

**Begmyrat MEREDOW,**
*Aşgabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 13-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Ilaty 49 milliona golaýlady

Ispaniýanyň Milli statistika instituty (INE) noýabr aýynyň başynda ýurduň ýaşaýjylarynyň sanynyň 48 million 946 müň 35 bolandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, ýurduň ýaşaýjylarynyň sany ilkinji gezek 49 milliona golaýlapdyr. Ilatyň artmagynda migrantlaryň täsiriniň uly bolandygy bellenilýär. Ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlularyň sany 101 müň 568 artyp, 6 million 735 müň 487-ä ýetipdir. Geçen ýyl Ispaniýada ýaşaýan daşary ýurtlularyň sany ilkinji gezek 6 milliondan geçipdi.



Senagat taýdan ösen ýurtlar raýatlarynyň sany däl-de, ýurtda ýaşaýan ähli ilatyň sany barada maglumat berýär. Sebäbi köp ýurtda ýerli ilatyň sanynyň artyşy peselýär. Şeýle bolansoň, daşary ýurtlular üçin hem deň mümkinçilikler hödürlenip, okamaklary, işlemekleri we bu ýurtda ýaşamaklary üçin şert döredilýär.

**Begenç ANNAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Aşgabatda halkara tennis ýaryşy geçirilýär

Paýtagtymyzda 14 ýaşa çenli ýetginjek oglan-gyzlaryň arasynda tennis boýunça «Ashgabat Open 2024» atly halkara ýaryş geçirilýär.

Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda geçirilýän bu halkara ýaryş özüne dünýäniň onlarça ýurdundan 14 ýaşa çenli tennisçi oglan hem-de gyzlaryň 63-sini jemleýär. Oňa Beýik Britaniýadan, Hindistandan, Eýrandan, Iordaniýadan, Gazagystandan, Malaýziýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Pakistandan, Täjigistandan, Türkiýeden, Özbegistandan we Türkmenistandan türgenler gatnaşýarlar. Halkara ýaryşa ýurdumyzdan 20 oglan we 22 gyz wekilçilik edýär.

Tennis sportunyň geljegine uly ynam bildirilýän ýaş ýyldyzlaryň türkmen paýtagtynyň açyk birinjiligindäki duşuşyklary gyzgalaňly ýagdaýda dowam edýär. Ýekeleýin, jübütleýin hem-de toparlaýyn geçirilýän ýaryşlarda «Ashgabat Open 2024» ýaryşynyň duşuşyklarynda türkmen tennisçileriniň görnetin öňe saýlanandygyny, olaryň güýçli garşydaşlarynyň birnäçesinden üstün çykandygyny nygtamak gerek. Ýaryşyň ilkinji günlerinde ildeşlerimizden Muhammetsapa Serdarow, Süleýman Hudaýberdiýew, Aly Geldiýew, Ylýas Mämmetgulyýew, Ýasin Faýzullaýew, Erkin Altyýew, Kerimgeldi Welibegow, Eýupbeg Atajanow, Ýunus Annamyradow, gyzlardan Sülgün Işankulyýewa, Sähra Garahanowa, Leýli Esenowa, Mähri Mammedowa, Jennet Orazalyýewa, Anna Ponýatowa, Kseniýa Sorokina dagy ýekeleýin ýaryşlarda ýeňiş gazanyp, nobatdaky tapgyra çykmagy başardy.

Ýaryşa gatnaşmak üçin daşary ýurtlardan paýtagtymyza gelen myhmanlar Aşgabadyň ajaýyp ýerlerine aýlanyp görmäge, gezelenç etmäge mümkinçilik alýarlar. Şeýle hem medeni maksatnamanyň çäklerinde «Älem» medeni-dynç alyş merkezi, Janly tebigatyň milli muzeýi, Halkara ahaltеke atçylyk sport toplumy, «Berkarar», «Aşgabat», «Arkaç» söwda-dynç alyş merkezleri we Arkadag şäheri bilen tanyşlyk göz öňünde tutulypdyr.



Halkara ýaryşyň açylyş dabarasy 11-nji noýabrda Olimpiýa şäherçesiniň 4 müň orunlyk sport toplumynda geçirildi.

## Türkmenistan – parahatçylygyň mekany

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Güneşli ýurdumyz dürli halkara maslahatlaryň, sergileriň yzygiderli geçirilýän mekanydyr. Şol sergilerde ýurdumyzyň nebitgaz ulgamynda, oba hojalygynda, medeniýetinde gazanylýan ösüşleri açyp görkezýän işleri synlanyňda, ata Watanymyza, Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza bolan buýsanjyň, guwanjyň has-da artýar. Ol ösüşleriň, durmuşa geçirilýän beýik işleriň ählisi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilip, döwletimizde adam hakda edilýän aladanyň bimöçberdiginiň aýdyň beýany bolup durýar.

Bu gün eziz Diýarymyzyň çar künjeginde gurulýan dürli maksatly binalar, ýaşaýyş jaýlary, elektrik geçirijileri, önümçilik kärhanalary rysgal-döwletliligiň kepilidir. Ajaýyp zamanamyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, il-günümize, nesillere hyzmat etjek binalar, desgalar gurlup, uly özgerişler amala aşyrylýar. Oňyn Bitaraplyk ýörelgesine eýerýän Garaşsyz ýurdumyz tutuş adamzadyň bähbidine hyzmat etjek başlangyçlary öňe sürýär, ilhalar taslamalary durmuşa geçirýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 25-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi hem baky Bitarap döwletimiziň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek, döwletleriň arasynda ynanyşmagy berkitmek ugrunda edýän taýsyz tagallalarynyň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsi bolup dabaralandy. Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy esasynda 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hem berkarar döwletimiziň Merkezi Aziýa sebitinde, tutuş dünýäde parahatçylygy, abadançylygy, durnuklylygy üpjün etmäge öz mynasyp goşandyny goşýandygynyň subutnamasy boldy.



Gahryman Arkadagymyzyň başlan beýik başlangyçlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz durnukly ulag düzümlerini döretmäge möhüm ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň Durnukly ulag birikmesiniň ählumumy atlasyny hem-de Ählumumy energetika howpsuzlygy we durnukly ösüş boýunça hyzmatdaşlygyň bileleşigini döretmek baradaky başlangyçlary bütin adamzadyň bagtyýar geljegine gönükdirilendir.

**Gülruh SAPARBAÝEWA,**
*Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabyndaky 28-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Zehin sportlary olimpiadasynda üstünlikli çykyş etdiler

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzda ösüşiň we özgertmeleriň hatyrasyna ylym-bilime, ýokary derejeli tehnologiýalara uly üns berilýär. Ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmäge niýetlenen «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny» aýratyn bellemek gerek. Öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde okatmagyň we bilim öwretmegiň döwrebap ugurlary barha kämilleşdirilýär.

Türkmen mekdep okuwçylary dürli dersler boýunça geçirilýän abraýly halkara olimpiadalara gatnaşyp, ýokary üstünlikleri gazanýarlar. Bu bolsa bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň aýdyň netijeleriniň biridir.

Ýurdumyzyň mekdep okuwçylarynyň 17-si 4-11-nji noýabr aralygynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaýda geçirilen «Memoriad – 2024 Bütindünýä zehin sportlary olimpiadasyna» ilkinji gezek gatnaşdylar. Olar dünýäniň 60-dan gowrak döwletinden gelen 150-den gowrak zehinli türgenler bilen ýaryşdylar. Bu okuwçylar «Kämil Bilim», «Bilim Ýoly» we «Altyn göreç» okuw merkezlerinde Anzan Mega Mental arifmetika maksatnamasy boýunça taýýarlandy.

Türkmen okuwçylary zehin senenamasy, flaş anzan marafony, ýatdan goşmak, ýatdan köpeltmek (8×8), ýatdan kwadrat kök almak (6 belgili) atly kategoriýalardan bäsleşdiler.

Türkmenabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 41-nji orta mekdebiniň 5-nji synp okuwçysy Mekan Nurgeldiýew Flaş Anzan Marafony kategoriýasynda 13 ýaşdan kiçi çagalaryň arasynda 1825,13 sekundyň dowamynda 43988,89 bal alyp, dünýäniň çempiony bolup, altyn medala mynasyp boldy.

Türkmenabat şäheriniň daşary ýurt diline ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdebiniň 5-nji synp okuwçysy Aýgül Ýusupowa Flaş Anzan Marafony kategoriýasynda 13 ýaşdan kiçi çagalaryň arasynda 1808,7 sekundyň dowamynda 38879,11 bal gazanyp dünýäde 2-nji orna – kümüş medala mynasyp boldy.

Aşgabat şäheriniň 2-nji orta mekdebiniň 8-nji synp okuwçysy Ogulmaral Altyýewa ýatdan kwadrat kök almak (6 belgili) kategoriýasynda 13 ýaşdan kiçi çagalaryň arasynda 508,54 sekundyň dowamynda 330 bal gazanyp 3-nji orna – bürünç medala mynasyp boldy.



Dört ýyldan bir gezek geçirilýän «Memoriad» olimpiadasy 2006-njy ýylda esaslandyryldy we şol ýyl dünýäniň 60 ýurdunda hasaba alyndy.

Ýaşlaryň ylymly-bilimli, ýokary ahlakly ynsanlar bolup ýetişmegi üçin taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşymyz çäksizdir.

**Maksat TOÝLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



## Aýdaky täze açyşlar

Hindistanyň «Chandrayaan-3 Vikram» kosmos gämisi geçen ýylyň awgust aýynda Aýyň günorta polýusyna gondurylypdy. Şeýlelikde, Ýeriň hemrasynyň günortasyna gondurylan ilkinji enjam bolupdy. Kosmos gämisi bilen bile «Pragyan» atly robot hem iberilipdi. Astronomlar «Pragyan»-yň lazer enjamlary bilen geçirilen barlaglaryň netijesinde ol ýerde kükürdiň we beýleki birnäçe elementleriň tapylandygyny mälim etdiler. «Pragyan»-a berkidilen lazer enjamy Aýyň ýüzündäki topraga şöhle goýberýär we ony bugardýar. Netijede, plazmanyň ýaýradýan şöhlesini toplap, haýsy elementlerden emele gelendigini anyklaýar.

Hindistanyň kosmos barlaglary guramasy (ISRO) kosmos enjamy arkaly alýumin, demir, kalsiý, hrom, titan we beýleki elementleri anyklapdyr.

**Humaý ROZYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 15-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115174
Belgisi: 46/1612
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TELEKEÇILIGIŇ ÖSÜŞLI ÝOLLARY

Ýurdumyzda ähli ugurlar bilen bir hatarda telekeçiligi ösdürmäge, dünýä ülňülerine laýyk gelýän önümleri öndürmäge, telekeçiligiň dürli ugurlary bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikler döredilýär. Şeýle başlangyçlaryň guramaçylykly durmuşa geçirilmegi bolsa ýurdumyzyň ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwrülmeginde, ýokary hilli önümleri öndürip, dünýäniň döwletlerine eksport edilmeginde möhüm orny eýeleýär.

Häzirki döwürde telekeçilik ulgamynyň ösüşiniň geriminiň



has-da giňelmegi, täze görnüşleri öz içine almagy, öndürilýän önümleriň hiliniň bäsdeşlige ukyplydygy, kärhanalarda zähmet çekýänleriň köpüsiniň ýaşlardygy örän guwandyryjy netijedir. Ýurdumyzyň dürli ýerlerinde gurlan ýyladyşhanalar ýylyň ähli paslynda gök-bakja önümleriniň ýetişdirilmeginiň ýola goýulmagy, olaryň oňat hilli ätiýaçlyk goruny saklamak maksadynda sowadyjylar bilen üpjün edilen ammarlaryň döredilmegi, bazarlarymyzyň hemişe azyk önümleri bilen dolup durmagy ýurdumyzda adam hakynda edilýän aladalaryň aýdyň görkezijileridir.

Şeýle hem telekeçiligiň giň rowaçlanmagy ýurdumyzda diňe azyk bolçulygyny döretmekde däl, eýsem, dürli gurluşyk harytlaryny, ýaşaýyş jaýlarymyzyň bezegleri bolan mebelleriň köp görnüşlerini, egin-eşikleri, aýakgaplary öndürmek hem giň gerime eýe bolýar. Türkmen telekeçileriniň öndürýän önümleri diňe bir öz bazarlarymyzda däl, daşary ýurtlaryň bazarlarynda hem uly isleg bildirilýän harytlara öwrülýär. Dünýäniň köp ýurtlarynyň bazarlarynda «Türkmenistanda öndürilen» diýlen ýazgyly harytlaryň görnüşleriniň köpelýändigi, bu harytlara bolan islegleriň artýandygy ýurdumyzda telekeçilik işlerinde, ýokary hilli önüm öndürmekde, daşary ýurtlara eksport etmekde gazanylýan üstünlikleriň netijeleridir.

Ýurdumyzda her ýylda birnäçe döwletleriň telekeçileriniň gazanan üstünliklerine bagyşlanan halkara sergiler we maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Bular bolsa, telekeçiligiň dünýä tejribesini öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Bu babatda gyzyklanma bildirýän dünýä döwletleriniň köp sanlysy bilen özara sergiler we maslahatlar yzygiderli geçirilýär.

Ýudumyzda «Açyk gapylar» syýasatynyň üstünlikli alnyp barylmagynyň netijesinde, erkin ykdysady gatnaşyklaryň ýola goýulmagy, ýeňillikli salgyt syýasaty, ýeňillikli karzlaryň berilmegi telekeçiligi ösdürmäge ýardam berýän mümkinçiliklerdir. Şunlukda, telekeçiligiň milli kanunçylyk binýadyny emele getirmek, söwda işiniň hukuk esaslaryny dünýä ülňülerine laýyklykda amala aşyrmak meselesi häzirki döwürde öz ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Syýasy durnuklylyk, telekeçiligiň döwlet tarapyndan goldanylmagy onuň uzakmöhletleýin häsiýete eýe boljakdygyny aýdyň görkezýär.

Häzirki wagtda Diýarymyzyň işewür jemgyýetçiliginiň wekilleriniň 29 müňden gowragynyň Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasydygyny aýtmak gerek. Ýurdumyzyň ilatynyň ýarysyndan gowragy hususy ulgamda işleýär. Türkmen telekeçileri görnüşleri hemişe artýan önümleriniň eksporty babatda mümkinçiliklerini ýyl-ýyldan ýokarlandyrýarlar. Oba hojalyk önümlerinden başga-da, dokma pudagynyň önümleri hem-de dürli azyk harytlary eksport ugurly harytlaryň düzümine girýär. Eksport edilýän senagat harytlarynyň arasynda izogam, suwuk bitum goýaltmasy, penopolistirol, polipropilen haltalary, suwuk senagat garyndysy, akkumulýator batareýalary we beýlekiler agdyklyk edýär.

**Aýnabat MÄTJANOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň Maliýe kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.*

# ULAG ULGAMYNA BAGYŞLANAN HALKARA FORUM

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ulag ulgamynyň döwrebap derejede ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy giň gerime eýe bolýar. Muňa paýtagtymyz Aşgabatda ulag pudagynyň ösüşlerine hem-de halkara hyzmatdaşlygyna bagyşlanan maslahatlar hem aýdyň subutnamadyr. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 26-27-nji noýabrynda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2024» atly III halkara maslahaty we sergisi geçiriler.

Ýurdumyzy esasy üstaşyr ulag geçiriji merkeze öwürmek, täze geçelgeleri, döretmek maksady bilen, iri maýa goýumlary çekmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Milli demir ýol ulgamy goňşy ýurtlaryň demir ýol ulgamlaryna birikdirilip, bu ugurda aragatnaşygyň üznüksiz bolmagy üpjün edilýär. Ýurdumyzda demir ýol üpjünçilik ulgamlaryny yzygiderli kämilleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Döwletimiz Hazar deňziniň üsti bilen halkara gatnawlara işjeň gatnaşyp, suw ýollary arkaly açyk deňze çykyp bilýär.

Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylda Aşgabatda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş» atly ilkinji forum geçirildi. Şol ýylda Türkmenistanda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp gelýän ýurtlaryň ulag ministrleriniň maslahaty geçirildi. Türkmenistan e-CMR Teswirnamasyna goşuldy. Şeýle hem ýurdumyzyň welaýatlarynda täze awtoulag terminallary we demir ýol köprüleri işe girizildi. Ulag pudagynyň tehniki parklaryny doldurmak üçin anyk ädimler ädildi, Ýewropa we Aziýa ugurlary boýunça ýük we ýolagçy milli howa gatnawlarynyň gerimi giňeldildi.

Türkmenistanyň ulag boýunça 12 sany halkara konwensiýalara gatnaşýandygyny bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ulag boýunça 4 sany kararnama kabul edildi: – «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» (2014-nji ýylyň 19-njy dekabry); - «Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda» (2015-nji ýylyň 22-nji dekabry); – «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» (2017-nji ýylyň 20-nji dekabry); – «Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz we ygtybarly halkara ýük daşamalary üp-



jün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşiniň arabaglanyşygyny berkitmek» (2021-nji ýylyň 29-njy iýuly).

Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyna laýyklykda, ulagyň ähli görnüşleriniň maddy-tehniki binýadyny hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak, häzirki zaman ýöriteleşdirilen infrastrukturany döretmek we geljekde strategiki ugurlary, şeýle hem Türkmenistanyň halkara ulag we üstaşyr geçelgeleriniň sebit merkezi hökmünde ornuny berkitmek göz öňünde tutulýar.

**Turan GUWANJOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÜRKMENISTAN – SPORT ÝURDY

Bedew batly ösüşleriň ak ýolundan barha öňe barýan, günsaýyn özgerýän berkarar Watanymyzda bolup geçýän taryhy wakalar kalplarda buýsanç duýgusyny döredýär. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň giňden bellenýän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda şanly wakalaryň birnäçesine şaýat bolduk. Diýarymyzyň paýtagtynda we sebitlerinde açylyp ulanylmaga berilýän desgalar, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde geçirilýän halkara forumlar, iri çäreler ildeşlerimiziň her






biriniň watançylyk ruhuny belende göterýär.

Şu ýylyň 6-njy sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen hem-de Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilmegi, bu resminama dünýäniň 87 döwletiniň awtordaş bolup çykyş etmegi şanly ýyldaky şöhratly wakalaryň biridir. Agzalan Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda 2-nji noýabrda Saglyk ýolundan geçildi, ýylyň dowamynda halkara ýaryşlarynda gowy netije gazanyp, ýaşyl Tugumyzy belentde parladan türgenlerimiz sylaglandy.

Ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda taryhy Kararnamanyň, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji umumy mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi hem ýönelige däldir. Munuň özi ýurdumyzyň sporty ösdürmek ugrundaky tagallalarynyň dünýäde giňden ykrar edilýändiginiň nyşanydyr. Şonuň bilen baglylykda Bütindünýä welosiped güni ýurdumyzda her ýylda has dabaraly bellenip geçilýär. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Bütindünýä welosiped güni parahatçylyk we dostluk, sagdynlyk we ruhubelentlik taglymatlarynyň ähmiýetini has-da artdyrýan halkara baýramydyr. Bu baýram parahatçylygyň ilçisi bolan sporty ösdürmek boýunça netijeli hem-de döredijilikli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga hem-de ony ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň Çözgüdine laýyklykda, Aşgabat şäheriniň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri», Aziýanyň Tennis federasiýasy tarapyndan Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegi, Berkarar döwletimiziň halkara giňişlikde öňe sürýän başlangyçlarynyň belent ykrara eýe bolýandygy, şeýle hem Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlaryň gazanýan sport üstünlikleri bagtyýar halkymyzda egsilmez buýsanç döredýär.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek ýurdumyzda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Munuň şeýledigine sporty ösdürmek boýunça kabul edilen döwlet maksatnamalary şaýatlyk edýär. Şolaryň hatarynda «Türkmenistanda 2021 – 2025-nji ýyllarda bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek boýunça Milli maksatnama» hem bar. Oňa laýyklykda, Diýarymyzyň ähli sebitlerinde milli sportumyzy ösdürmek, ezber türgenleri ýetişdirmek babatda giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär.

Şu ýylyň ýanwar – oktýabr aýlarynda bedenterbiýäni, sporty ösdürmek, ussat türgenleri taýýarlamak boýunça hem işler dowam etdirildi. Döwlet Baştutanymyzyň Kararyna laýyklykda, ABŞ-nyň Los-Anjeles şäherinde geçiriljek Olimpiýa oýunlaryna Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlaryny taýýarlamak boýunça guramaçylyk topary döredildi. Ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň türgenleri halkara ýaryşlaryň 161-sine gatnaşyp, jemi 538, şol sanda 174 altyn, 150 kümüş, 214 bürünç medala mynasyp boldular.

**Jeren POPYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň jemgyýetçilik kafedrasynyň uly mugallymy.*

# BILIM – KÄMILLIK ÝOLY

Bilim ulgamyny ösdürmek hormatly Prezidentimiziň parasatly döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup, ýaş nesillerimize berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça badalga berilýän özgertmeler rowaçlyklara beslenýär.

«Belent sepgitler, beýik ösüşler, ilkinji nobatda, ylymly-bilimli nesliň güýji, zehin baýlygy hem-de döredijilik başarnygy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurdumyzda bilim ulgamyny dünýä ülňülerine, umumy ykrar edilen halkara kadalara we öňdebaryjy tejribelere laýyk kämilleşdirmek, ýaş nesillerimizi milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarynyň esasynda terbiýelemek, olara döwrebap bilim bermek biziň alyp barýan bilim syýasatymyzyň baş maksadydyr» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz nygtaýar. Hut şol esasdanam, ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga, döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edilen bilim ojaklaryny gurmaga, okuw-usulyýet binýadyny döwrebaplaşdyrmaga uly üns berilýär. Çünki bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek Watanymyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryndaky ornuny has-da pugtalandyrmakda esasy şertleriň biridir.

Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň we daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýalarynyň kabul edilmegi ajaýyp zamanamyzda giňden ýaýbaňlandyrylýan bilim özgertmeleriniň hil derejesiniň täze belentliklere göterilmegini üpjün etdi. Bu günki gün sanly serişdelerden baş çykarýan, daşary ýurt dillerini bilýän bagtyýar ýaşlarymyzy göreniňde, ýaş nesilleriň okamaklary, öwrenmekleri, gurmaklary, döretmekleri üçin ähli şert-mümkinçilikleriň döredilýändigini görmek bolýar.

Ylymy we bilimi ösdürmek islendik döwletiň pajarlap ösmeginiň esaslarynyň biridir. Takyk we tebigy ylymlar ynsan akylynyň kämilleşmegine itergi berýär. Ylym-bilim arkaly jemgyýet alymlaryň, zehinli ýazyjyşahyrlaryň pähim-paýhasyna eýerýär, nukdaýnazaryny, garaýyşlaryny öwrenýär. Şuňa laýyklykda ýurdumyzda ylmy işleri amala aşyrmak, ylmy gözlegleriň gerimini giňeltmek, olaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak üçin ähli şertler döredilýär. Ylmy edaralaryň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar, olaryň işine iň täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary, şol sanda internetiň we elektron kitaphanalaryň üsti bilen maglumatlaryň dünýä gaznasyna ýokary tizlikli elýeterlilik üpjün edilýär.

Ýaş nesilleriň kämilligi ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň hatarynda ýurdumyzyň bilim ulgamynyň



öňünde täze wezipeler goýulýar. Şu nukdaýnazardan, «Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» möhüm ähmiýete eýedir. Konsepsiýadan gelip çykýan wezipeler boýunça okatmagyň innowasion tehnologiýalaryny okuw-terbiýeçilik işlerine ornaşdyrmak, döwletimiziň umumybilim maksatnamalary esasynda okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek, ösüp gelýän ýaş nesle berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmak, mazmunyny yzygiderli baýlaşdyrmak ýaly işlere möhüm täzelikleriň girizilmegi bilim işgärleriniň uly goldawyny gazandy.

Häzirki döwürde milli bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeler mugallymlaryň döredijilikli işlemekleri üçin şertleri döretmegi öz içine alýar. Şeýle hem bu özgertmeler ösen tilsimat esasynda okatmagyň hil taýdan täze, döwrebap usullaryny giňden ornaşdyrmakdan ybaratdyr. Munuň özi okatmagyň usullaryny döredijilikli we ýerlikli ulanmak bilen utgaşdyrmakdyr. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligi ýokarlanýar.

Mälim bolşy ýaly, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi ykdysadyýetimizi has-da ösdürmekde guwandyryjy işleriň alnyp barylýandygyny aýdyň beýan edýär. Elbetde, sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň biri hem hünärmenleriň taýýarlygydyr. Sanly ykdysadyýetiň hünärmen we ylym-bilim üpjünçiligini ösdürmek, tehnologik başlangyçlary we ylmy çözgütleri emele getirmäge şertleri döretmek, maglumat üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek ýaly wezipeler esasy ugurlar hökmünde kesgitlenýär. Ýokary okuw mekdeplerde ýaş alymlary, inženerleri, tehnologlary we hünärmenleri taýýarlamakda möhüm işler alnyp barylýar, bu ugurda döwrebap bilimler özleşdirilýär. Ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan ýaşlar öňdebaryjy tehnologiýalary ulanyp, dünýäniň ylmy-tehniki ösüşiniň gazananlaryndan baş çykaryp, täze şertlerde işlemäge ukyply hünärmenler bolup ýetişýärler.

Goý, bagtyýar durmuşymyzy üpjün etmekde we Watanymyzy gülletmekde ýaşlara bil baglaýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolup, maksatly tutumlary has-da rowaç alsyn!

**Merdan ABAÝEW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň uly mugallymy.*



# TÜRKMEN DILINIŇ GADYMYLYGY WE ÖSÜŞ TARYHY

Türkmen dili ençeme müňýyllyk taryhy bolan türkmen halkynyň milli dili bolup durýar. Häzirki döwürde edebi dilimiz Magtymguly Pyragy atamyzyň döwründe kemala gelip başlaýar we häzirki döwre çenli sünnälenip kämilleşýär. Bu dil türki dilleriň oguz dilleri toparyna degişli bolup durýar we Eýranda, Owganystanda, Türkiýede, Garagalpagystanda, Täjigistanda, Gazagystanda, Özbegistanda, Stawropol ülkesinde, Astrahan oblastynda bölekleýin ulanylýar.

Türkmen dili türki dilleriň arasynda iň baý dilleriň biri hasaplanýar. Muňa ene dilimizde ýazylan «Görogly», «Gorkut ata» şadessanlary, köpsanly halk döredijiligindäki ajaýyp eserlerdir, poemalar we halkyň kalbyndan orun alan şygyrlar güwä geçýär. Türkmen dili diňe türkmen halkynyň däl, eýsem, gündogaryň beýleki halklarynyň hem bahasyna ýetip bolmajak baýlygydyr. Diňe türkmen halkynyň şahyrlarydyr ýazyjylary däl-de, eýsem, beýleki ýurtlaryň nusgawy şahyrlary hem türkmen dilinde eserler döredipdirler we halk köpçüligine hödürläpdirler. Muňa mysal edip, müsürli şahyr Saif Saraýi tarapyndan ýazylan «Gülüstan bit-türki» dessanyny almak bolar. «Türki dilleriň etimologik sözlügi» kitabynyň awtory professor Erwand Wladimirowiç Sewartýan ýazuw çeşmeler we dürli şiweler türkmen diliniň esasy baýlygy diýip belläp geçýär. Türkmen diliniň baý sözlüginden peýdalanyp, türkmeniň nusgawy hem ençeme manyly we mazmunly, çeper we publisistik eserler ýazylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Garaşsyzlyk – bagtymyz» atly kitaby hem milli buýsanjymyz hem baýlygymyz bolan türkmen diliniň döwlet dili derejesine eýe bolmagy bilen bagly gymmatly maglumatlary hem özünde jemleýär. Bu kitapda bellenilişi ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň Esasy Kanuny, buýsançly Baýdagy, owadan Tugrasy ýaly, mähriban halkymyzyň dili hem bahasyna ýetip bolmajak hazynamyzdyr. Dilde halkyň ruhy ýaşaýar. Belent ruhumyzyň, beýik galkynyşlarymyzyň nyşany bolan, dürli öwüşginlere baý ene dilimize buýsanmak, ony ylmy esasda öwrenmek, ýaşlarymyzda ösen dil medeniýetini kemala getirmek biziň her birimiziň borjumyzdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda türkmen dilini ösdürmäge, has-da kämilleşdirmäge aýratyn üns berilýär. Biz ylym-bilim işgärlerine işlemäge, halal zähmet çekmäge döredip beren mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun. Alyp barýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Diller kafedrasynyň mugallymy.*

# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGRYÝETI – WATANÇYLYK SENASY

Gündogaryň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejede uludan bellenilýän ýylynda türkmen topragynda tutulýan toýlaryň dabarasy dag aşýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň toýy bu gün dünýäniň toýuna öwrüldi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň taryhy wakalarynyň biri bolan, birnäçe ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň, hökümet agzalarynyň, abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň, köp sanly alymlaryň, diplomatlaryň, medeniýet we döredijilik işgärleriniň gatnaşmagynda paýtagtymyzda ýokary derejede geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum bu hakykaty ýene bir ýola subut etdi.

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, Magtymgulynyň şygryýeti watançylyk senasydyr. Ol öz halkyny, topragyny söýen, ony goramagy we onuň gadyryny bilmegi ündän watançy şahyrdyr. Magtymguly Pyragynyň mirasy biziň üçin uly baýlykdyr. Akyldar şahyryň wesýetlerine wepaly bolmagy biz mukaddes borjumyz hasaplaýarys. Onuň wesýetlerine eýermek bilen, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, berkarar döwletliligimizi mundan beýläk-de berkideris. Magtymguly baý many-mazmunly şygyrlary bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň ösmegine uly goşant goşan beýik akyldardyr. Adamzat paýhasynyň ägirtleriniň hatarynda pähime-paýhasa, ynsanperwerlige, hoşniýetlilige çäksiz sarpa goýan dana Pyragynyň jöwher şygryýeti külli adamzat üçin gymmatly ynsanperwerlik ýörelgeleriniň dünýäsidir.

Magtymguly Pyragynyň päk ahlaklylyk, edepterbiýe, watansöýüjilik, gözelligi wasp etmek, berkarar döwlet baradaky ynsan aňyna we ýüregine ornaýan gymmatly ündewleri biziň döwlet syýasatymyzyň esaslaryny düzýär. Bularyň ähllisi iň asylly adamzat däplerine daýanýan ynsanperwer gatnaşyklaryň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylmagyna ýardam edýär.

Dana akyldaryň golýazmalar toplumy ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizildi. Şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy bu abraýly gurama bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşuldy. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) 2024-nji ýyly «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýip yglan etdi. Türkmen taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak şanly ýylyň dowamynda dünýäniň ençeme ýurdunda şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli medeni çäreler, ylmy-amaly maslahatlar, forumlar geçirildi, şahyryň hormatyna dikeldilen heýkelleriň açylyş dabaralary bolup geçdi. Elbetde, bularyň ähllisi abraýly halkara guramalar we dünýä halklary tarapyndan türkmeniň akyldar şahyrynyň baý edebi mirasyna goýulýan çuňňur hormat-sarpanyň belentdiginiň alamaty.



Magtymguly Pyragynyň ylham-zehininden joşup çykan eserler ähli döwürde-de dünýä alymlarynyň, edebiýatçylarynyň üns merkezinde boldy. Alym E.Bertels dünýäniň nusgawy edebi gymmatlyklarynyň arasynda orun alan Magtymguly Pyragynyň döredijiligini älem-jahan täsinliklerini görkezýän «Jemşidiň jamyna» meňzedipdir. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy bu gün dünýä ýaýylýar. Onuň şygyrlarynyň daşary ýurtlaryň dillerine terjime edilmegi dünýä okyjylaryny türkmeniň nusgawy edebiýatynyň parlak ýyldyzy bolan Magtymguly Pyragynyň şygryýet dünýäsi bilen has giňişleýin tanyşmaklaryna mümkinçilik berýär.

Magtymguly Pyragynyň Garaşsyz döwlet baradaky arzuwlarynyň hasyl bolan döwründe ýaşamak, beýik akyldar şahyrymyzyň edebi mirasynyň dünýäde giňden wagyz edilýändigine, eserleriniň dünýä halklarynyň dillerinde neşir edilýändigine, dana atamyzyň ýadygärliginiň dost-doganlyk ýurtlarynda açylýandygyna şaýat bolmak bagtyýar türkmen halkynyň buýsanjyny goşalandyrýar.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligindäki nusgalyk ýol-ýörelgeler bu gün ýaşlar üçin terbiýeçilik mekdebi bolup hyzmat edýär. Dana atamyzyň edebi mirasyny dünýä ýaýmakda taýsyz tagalla edýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýarys.

**Aýjemal ALAŞAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# BAG EKMEK – ASYLLY IŞ

9-njy noýabrda ýurdumyzda ählihalk bag ekmek dabarasynyň güýzki möwsümine badalga berildi. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge gönükdirilen başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, berkarar Watanymyzda her ýyl ählihalk bag ekmek dabaralarynyň geçirilmegi ýurdumyzyň bagy-bossanlyga öwrülmegine uly goşant goşýar we halkymyzyň özboluşly tebigatymyza bolan buýsanjyny artdyrýar. Bu möwsümde ýerli agaç nahallary bilen birlikde, dünýä ýurtlarynda özüniň gözel görki, ekologiýa edýän oňyn täsiri babatda tapawutlanýan agaç nahallary hem ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine uýgunlaşdyrylyp ekilýär. 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Oba milli maksatnamasy esasynda ýurdumyzyň sebitlerinde miweli, saýaly, bezeg agaç nahallarynyň giň gerimde ekilmegi, tokaý zolaklarynyň döredilmegi ugrunda birnäçe işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde, ýurdumyzda her ýyl ýazky we güýzki möwsümlerde miweli, saýaly, bezeg agaçlarynyň millionlarça düýbüniň ekilmegi eziz Diýarymyzda ekologiýa syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň güwäsidir. Şeýle döwletli işleriň durmuşa geçirilmegi, ilkinji nobatda, halkymyzyň tebigy gurşaw bilen sazlaşykda ýaşamak arkaly, tebigaty gorap saklamak ýaly asylly ýörelgesiniň bardygyny görkezýär. Baglaryň howadaky tozany, tüssäni, gurumy, zyňyndy gazlary özlerinde saklap galýandyklary we zyýansyzlandyrýandyklary mälimdir. Şonuň üçin güýzki möwsümde-de köpçülikleýin bag ekmek çäresi ýokary guramaçylykly, şatlyk-şowhunly geçirilip, ýurdumyz boýunça millionlarça miweli, saýaly, bezeg agaçlarynyň nahallary oturdylar.

**Babaniýaz PIRKULYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

► **Täze düzümi tassyklandy.** Ýaponiýanyň Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) başlygy Sigeru Isiba ýenede ýurduň Premýer-ministri wezipesine saýlandy. Bu karar hökümetiň Baştutanyny tassyklamakda aýgytly ähmiýete eýe bolan aşaky palatada geçirilen ses berişligiň ikinji tapgyrynda parlament tarapyndan kabul edildi.




► **Howa satylýar.** Italiýanyň «ItalyComunica» kompaniýasy 9,90 ýewro bahadan Komo kölüniň howasy bilen doldurylan bankalary satyp başlady. Bu bankalarda meşhur kölüň kenaryndan alnan jana şypaly arassa howasynyň konserwirlenendigi bellenilýär. Geçen ýyl bu köle 5,6 million syýahatçy barypdyr.



► **Olimpiýa oýunlaryny geçirmekçi.** Hindistanyň Olimpiýa assosiasiýasy Halkara Olimpiýa komitetine (HOK) 2036-njy ýylda tomusky Olimpiýa oýunlaryny geçirmek isleýändigi barada resmi hat ýollady. 2036-njy ýylyň Oýunlaryny geçirmäge isleg bildirýän başga-da birnäçe ýurt bar.



► **Mogollara degişli hazyna tapyldy.** Hindistanly gurluşykçylar Mogollar döwründen galan hazynanyň üstünden bardylar. Bu waka Uttar-Pradeş ştatynyň Çaubara şäherinde bolup geçdi. Tapyndy 49 şaýylykdan ybarat bolup, ýüzündäki şekiller we parsça ýazgylar arkaly olaryň Mogollara (1526-1857-nji ýyllar) degişlidigi anyklandy.



► **Uçýan taksi hödürlendi.** Ýaponiýanyň Sidzuoka şäherindäki «Toyota» merkezinde «eVTOL» atly uçýan taksiniň tanyşdyryluş dabarasy geçirildi. Uçýan taksi «Toyota»-nyň 500 million dollar maliýe ýardamy bilen ABŞ-nyň «Joby Aviation» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Ulag sagatda 320 kilometr geçmäge ukyply.



► **2 müň ýyllyk obserwatoriýa.** Meksikada Milli Antropologiýa we taryh institutynyň arheologlary Puebla ştatynyň Telihtik şäherinde gadymy astronomiýa toplumyny tapdylar. 30 müň inedördül metr meýdany eýeleýän obserwatoriýa ýerli ýaşaýjylara ýyldyzlara gözegçilik arkaly oba hojalyk möwsümlerini ýyzarlamaga kömek edipdir.



► **Dünýäniň iň owadan pişigi.** Norwegiýanyň Oslo şäherinde Bütindünýä pişikler federasiýasy tarapyndan guralan bäsleşikde Bakardi atly pişik dünýäniň iň owadan pişigi hökmünde saýlandy. Bäsleşige dünýäniň dürli künjeklerinden 1500-den gowrak pişik gatnaşdyryldy. Bakardiniň eýesi Joanna Kowalçuk Polşada ýaşaýar.



► **Horaz şekilli myhmanhana.** Filippinleriň Kampuestohan şäherinde horaz şekilli myhmanhana guruldy. Beýikligi 35 metr bolan bina guş şekilli iň beýik desga hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Myhmanhananyň gurluşygy 2023-nji ýylyň sentýabr aýynda başlap, 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda tamamlandy.



► **Ilkinji agaç hemra uçuryldy.** «SpaceX» amerikan kompaniýasynyň missiýasynyň çäklerinde agaçdan ýasalan dünýäniň ilkinji emeli hemrasy kosmosa uçuryldy. «LignoSat» hemrasy Ýaponiýanyň Kiot uniwersiteti bilen «Sumitomo Forestry» gurluşyk kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Emeli hemra Ýerden 400 kilometr belentlikdäki orbitada aýlanar.



► **Ýitip gitmek howpy abanýar.** Dünýäde agaçlaryň 16 müň görnüşine ýitip gitmek howpy abanýar. Bu barada Tebigaty goramak boýunça halkara bileleşiginiň (IUCN) hasabatynda mälim edilýär. Häzire çenli agaçlaryň 47 müň 282 görnüşi belli bolup, olara abanýan esasy howp tokaýlaryň ýok edilmegi, şeýle hem agaç keselleri hasaplanýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1904-nji ýylyň 15-nji noýabrynda almazyny çalşyp bolýan päkini oýlap tapandygy üçin amerikaly King Kemp Jillette patent berilýär. Jillett bu enjamy kämilleşdirmäge alty ýylyny sarp edýär. Ilkibaşda päkini bäş dollara satyn almaga her kimiň gurby çatmaýar. Soňra bahalar arzanladylyp, şeýle päkiler erkek kişileriň özüne serenjam bermeginde tapylgysyz enjama öwrülýär.**



## Ak Tamyň diwanyna ýolbaşçylyk eder

ABŞ-nyň saýlanan Prezidenti Donald Trampyň saýlawdan öňki kampaniýasynyň başlygy Sýuzan Waýls Ak Tamyň kanselýariýasyna ýolbaşçylyk eder. Bu barada Trampyň geçiş topary tarapyndan ýaýradylan beýanatda aýdylýar.

– Sýuzi Waýls maňa Amerikanyň taryhynda iň uly syýasy ýeňişleriň birini gazanmaga kömek etdi. Şeýle hem ol 2016-njy we 2020-nji ýyllardaky şowly kampaniýalaryma işjeň ýardam berdi. Sýuzan güýçli, akylly, täzeçil garaýyşly zenan. Ol ABŞ-nyň taryhynda Ak Tamyň diwanyna ýolbaşçylyk eden ilkinji zenan bolar – diýip, Tramp belledi.

Tramp 67 ýaşly Waýlsyň Amerikany täzeden beýgeltmäge kömek etjekdigine ynanýandygyny aýtdy. Geçen saýlaw kampaniýasynyň örän guramaçylykly we akylly-başly amala aşyrylandygy üçin Sýuzan Waýlsyň Trampyň ýakyn töwereginde aýratyn hormata eýedigi habar berilýär. Waýls öz bitiren işlerini aýan etmekden saklanýar.

Respublikan partiýadan prezidentlige dalaşgär Donald Tramp 2021-nji ýylyň ýanwaryndan bäri ýurduň wise-prezidenti bolup işleýän bäsdeşi, Demokratlaryň wekili Kamala Harrisi ýeňdi. Respublikanlar Kongresiň Senatyny gözegçilik astyna almagyň hötdesinden geldiler. Şeýle-de respublikanlar ABŞ-nyň Wekiller palatasyna gözegçilik etmek üçin ýeterlik orun aldylar.

**ABŞ-da saýlawlaryň netijeleri: Ikirjiňlenýän 7 ştatda-da ýeňiş gazandy**

5-nji noýabrda geçirilen saýlawlardan soň sesleriň sanalmagy tamamlandy. Arizona ştatynda gazanan ýeňşi Donald Trampa saýlawçylaryň goşmaça 11 sesini getirdi. Şeýlelik bilen, respublikanlaryň dalaşgäri Arizona, Miçigan, Pensilwaniýa, Jorjiýa, Demirgazyk Karolina, Wiskonsin we Newada ýaly ikirjiňlenýän ştatlarynyň hemmesinde bäsdeşi Kamala Harrisden üstün çykdy.




Umuman alanyňda, Tramp 312 saýlawçynyň, Harris bolsa, 226 saýlawçynyň sesini aldy. Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazanmak üçin 270 ses zerur. Trampyň häzirki üstünligi, bu bäsleşikde artykmaçlygynyň bardygyny görkezdi.

## BMG-niň howa boýunça maslahaty

11-22-nji noýabr aralygynda Bakuda dünýäniň iň uly we abraýly çäreleriniň biri hasaplanýan BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 29-njy maslahaty (COP29) geçirilýär. Maslahatyň çäklerinde 12-13-nji noýabrda iň ýokary derejeli çäre – dünýä Liderleriniň howa hereketi boýunça sammiti geçirilip, oňa 100-den gowrak döwlet we hökümet Baştutanlary gatnaşdy.

Şu ýyl «Maliýe konferensiýasy» diýlip atlandyrylan BMG-niň howa konferensiýasynda, esasan, global klimaty maliýeleşdirmek boýunça täze maksatlar öňe sürüldi. Maslahatyň barşynda howanyň hereketi we durnukly ösüş maksatlarynyň arasyndaky baglanyşygy öz içine alýan 14 başlangyç, şol sanda, ýaşyl energiýa geçelgeleri, ýaşyl energiýanyň saklanyşy, howanyň durnuklylygy üçin sazlaşyk, arassa wodorod, organiki galyndylaryň metany azaltmagy, ýaşyl sanly tehnologiýa we beýleki temalar hödürlendi. Şunuň bilen birlikde, başlangyçlaryň birinde Howanyň maliýeleşdirilmegi boýunça hereket gaznasyny döretmek göz öňünde tutuldy.

Azerbaýjan Respublikasy daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerini azaltmak meselelerine aýratyn ähmiýet berýär we bu ugurda möhüm işleri alyp barýar. Howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy göreş ýaly möhüm global meselelerde göreldeli ýolbaşçylygy görkezip, Azerbaýjan: «Geliň, ýaşyl dünýä üçin agzybir bolalyň!» diýen şygary öňe sürdi. Prezident Ilham Aliýewiň belleýşi ýaly, ýurt COP29-yň geçirilýän döwründe ösen we ösýän ýurtlaryň arasynda köpri gurmak, ylalaşyk gazanmak we COP29 maslahatyny




üstünligiň taryhyna öwürmek üçin ähli tagallalary berjaý eder. 2024-nji ýyl Azerbaýjan Respublikasynda «Ýaşyl dünýä üçin raýdaşlyk ýyly» diýlip yglan edildi.

BMG-niň Howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça maslahaty ýa-da Klimat sammiti 1995-nji ýyldan bäri her ýyl geçirilýär we BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna agza ýurtlary birleşdirýär. Öňki sammit geçen ýylyň ahyrynda 150-den gowrak ýurtdan wekiliýetleriň gatnaşmagynda Dubaýda (BAE) geçirilipdi. Dubaý sammitine jemi 83 müň 884 adam gatnaşdy. BMG şu ýyl gatnaşyjylaryň sanyny 40 müňe çenli çäklendirdi. Geljek ýyl COP30 maslahaty Braziliýada guralar.

## 560 müňe golaý agaç oturdyldy

Mongoliýanyň paýtagtynda şu güýzde çölleşmäge garşy göreş boýunça «Milliard agaç» kampaniýasynyň çäginde jemi 559 müň 802 agaç we gyrymsy agaç nahallary oturdyldy. Bu barada Ulan-Batoryň daşky gurşaw departamenti habar berdi.

«Ulan-Batoryň çäklerinde agaç nahallarynyň düýp tutmak derejesi 95 göterim töweregi» diýlip, resmi beýanatda bellenilýär.

2030-njy ýyla çenli, azyndan, 1 milliard agaç ekmek ugrunda tutuş ýurt boýunça kampaniýa 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda resmi taýdan başlandy. Şonda Mongoliýanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasyndan öz ýurdunyň howanyň üýtgemegine we çölleşmäge garşy göreşjekdigini mälim etdi. Şondan bäri Mongoliýada jemi 84 million agaç we gyrymsy agaç oturdyldy.

Daşky gurşawy goraýjylar Mongoliýanyň howanyň üýtgemeginiň global täsirlerine garşy durmaga ejizdigini belleýärler. Mongoliýanyň geografik ýerleşişi sebäpli negatiw tebigy hadysalaryň gerimi we howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tebigy betbagtçylyklaryň ýygylygy, şol sanda çölleşmek we sary tozan tupany ýylsaýyn artýar.

Mongoliýanyň Daşky gurşaw we howanyň



üýtgemegi ministrliginiň iň soňky maglumatlaryna görä, häzirki wagtda ýurduň çäginiň, takmynan, 77 göterimi çölleşmäge we ýerleriň zaýalanmagyna sezewar bolýar. Bu taslama bolsa, şeýle ýaramaz täsirleri azaltmaga ýardam eder.

## «SpaceX»-iň täze synaglary

Amerikan kompaniýasy «SpaceX» dünýäniň iň uly raketasy bolan «Super Heavy» göteriji raketasy bilen altynjy synag uçuşyna taýýarlanýar. Uçuş 18-nji noýabrda meýilleşdirilýär.

«Starship» Ýeriň daşyndan bir gezek aýlanandan soň, Awstraliýanyň demirgazyk-günbataryndaky Hindi ummanyna gonmaly. «Super Heavy» göteriji raketa bolsa, uçuryş toplumyna gonar diýlip garaşylýar.

«SpaceX» oktýabr aýynda «Starship»-iň bäşinji synag uçuşyny üstünlikli geçirdi. Kompaniýa ilkinji gezek raketanyň birinji tapgyryny uçuş meýdançasyna gaýtarmagy başardy. Dördünji synag başlangyjy wagtynda «Starship» synag uçuryşlaryň taryhynda ilkinji gezek Ýere dolanyp geldi. Ilkinji üç uçuryş şowsuz tamamlanypdy.



«Starship» «Super Heavy» göteriji raketasyndan we «Starship» gämisinden ybarat has agyr köp gezek ulanylýan iki basgançakly ulgamdyr. Kompaniýanyň wekilleri geljekde howa gämisiniň orbita uçuşlary amala aşyryp, abat ýagdaýda dolanyp geljekdigine ynanýarlar.



## Sindala adasyndaky şypahana

**Saud Arabystany NEOM taslamasynyň ilkinji tamamlanan gurluşygy bolan Sindala adasyndaky şypahanany açdy. NEOM taslamasy patyşalygyň demirgazyk-günbataryndaky geljegiň ýokary tehnologiýaly megapolisidir.**

**Sindala – 840 müň inedördül metr meýdany bolan şypahana toplumydyr. Adada restoran we uly güýmenje zolagy bar. 2028-nji ýyla çenli adanyň her gün 2,4 müňe çenli jahankeşdäni kabul edip, syýahatçylyk pudagynyň ösmegine we ykdysadyýetiň diwersifikasiýa edilmegine ýardam berip, 3,5 müň iş ornuny üpjün etmegine garaşylýar.**

**Bu taslama, ýurduň nebit eksportyna garaşlylygyny azaltmagy maksat edinýän «Saudi Vision 2030» maksatnamasyna laýyklykda durmuşa geçirilýär.**

**Şeýle hem Sindala adasy baý deňiz ekoulgamy bilen tapawutlanýar. Adanyň suwlarynda balyklaryň 1,1 müňden gowrak görnüşi we merjenleriň 300-den gowrak görnüşi ýaşaýar. Tebigy deňiz gurşawyny goramak bu taslamanyň möhüm bölegine öwrüldi. Mundan başga-da, jana şypaly howasy bolan Sindala adasy ýelkenli gaýykçylar sporty üçin meşhur ýere öwrülip biler.**

**NEOM Saud Arabystanynyň häkimiýetleriniň innowasiýa, durnukly ösüş we ýaşyl tehnologiýalara gönükdirilen ägirt uly taslamasydyr. Bu megapolis Tabuk administratiw sebitindäki Gyzyl deňziň kenarynda gurulýar.**

## Pompeýä gelýänleriň sany çäklendiriler

**15-nji noýabrdan başlap Italiýanyň iň meşhur ýerleriniň biri bolan Pompeýä gelýänleriň sany her gün 20 müňe çenli çäklendiriler. Çünki Italiýanyň häkimiýetleri gadymy Rim şäherini syýahatçylaryň aşa köp gelmeginden goramagy maksat edinýär. Pompei geçen tomusda rekord derejede 4 million myhmany kabul etdi. Dynç günlerinde myhmanlaryň sany 36 müňden geçdi.**

**– Biz häzirki wagtda bu ýere gelýänleriň sanyny azaltmaga gönükdirilen çäreleri taýýarlaýarys. Çünki bu ýagdaý myhmanlaryň özlerine-de, özboluşly mirasa-da çynlakaý howp döredip biler – diýip, arheologiýa seýilgähiniň başlygy Gabriel Suhtrigel belleýär.**

**Indi peteklerde gadymy Rim şäherine gelýänleriň doly atlary hem ýerleşdiriler. Şeýle-de her gün 20 müňden köp petek satylmaz. Mundan başga-da, tomus möwsüminde wagtlaýyn arakesmeler ediler.**

**Pompei Neapolyň golaýyndaky gadymy Rim şäheridir, bu şäher biziň eýýamymyzyň 79-njy ýylynda Wezuwiýa wulkanynyň atylmagy netijesinde, wulkan külüniň aşagynda galýar. Wulkanyň gatamagy netijesinde, bu ýerdäki hususy jaýlar, ybadathanalar, ussahanalar, hammamlar we olaryň ýüzündäki şekildir ýazgylar abat saklanyp galypdyr. Bu mekan Italiýanyň esasy gözel ýerleriniň biri bolup, dünýädäki iň gadymy şäherleriň biridir. Bu ýerde häzirki wagtda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen arheologik seýilgäh ýerleşýär.**



## DÜNÝÄNIŇ IŇ KÖP ILATLY ŞÄHERLERI

2024-nji ýylyň iň köp ilatly şäherleri belli boldy. Şeýle şäherleriň arasynda 10 şäher has-da öňe saýlanýar. Maglumatlara görä, häzirki wagtda dünýäniň ilaty 8 milliarddan geçýär. Aşakda gürrüň berjek şäherlerimiziň ilaty mukdar taýdan dünýä ilatynyň artmagyna goşant goşdy. Size durmuş-ykdysady we medeni ösüşiň merkezine öwrülen 10 şäherler baradaky maglumatlary hödürleýäris.

Tokionyň ilaty 37 milliondan gowrak. Ýaponiýanyň paýtagty dünýäde iň uly şäher bolup, onuň ilatynyň gürlügi her inedördül kilometre, takmynan, 6 müň 224 adam düşýär. Şäherde ykdysady ösüş Ikinji jahan urşundan soň başlanyp, guramaçylykly zähmet arkaly dowam etdirilýär. Şäher özboluşly infrastrukturasy we ösen ulag ulgamy bilen tanalýar.

Deliniň ilaty 33 milliondan gowrak. Hindistanyň paýtagty ikinji orunda gelip, şäherde her inedördül kilometre 13 müň 700 adam düşýär. Deli ösýän pudaklary we maýa goýumlary bilen migrantlary özüne çekýär.

Çunziniň ilaty 32 million adama deň. Hytaýyň iň uly şäherleriniň biri hasaplanýan Çunzin häzirki zaman binagärligi we ösen senagaty bilen meşhurdyr. Şäheriň ýokary iş haklary, ýaşaýyş jaýlarynyň arzanlygy we işlemek üçin oňaýly iş şertleri hytaýly ýaşlary özüne çekýär.



Şanhaýyň ilaty 29 milliondan gowrak. Ilatynyň gürlügi boýunça her inedördül kilometre 6 müň 340 adam düşýän bu şäher dünýäniň öňdebaryjy maliýe merkezlerinden biri hasaplanýar. Şanhaý şäherinde sebitiň iň uly deňiz porty ýerleşip, ol möhüm logistika merkezi hasaplanýar.

Dakkanyň ilaty 24 million adama deň. Bangladeşiň paýtagtynda her inedördül kilometre, takmynan, 22 müň adam düşýär. Dakkanyň ýaşaýjylary, esasan, öý hojalyk işleri bilen meşgullanýarlar. Dakkada taksi sürüjileriň sany 400 müňe ýetýär.

San-Paulunyň ilaty 22,8 million adama deň. Braziliýanyň bu iri şäheriniň ilatynyň gürlügi ýokary bolup, her indördül kilometre 7 müň 216 adam düşýär. San-Paulu Latyn Amerikasynyň söwda we senagat merkezi hasaplanýar.

Kairiň ilaty 22 million adama deň. Müsüriň paýtagtynyň ilatynyň gürlügi her inedörül kilometre 19 müň adam düşýär. Hökümet bu şäherdäki ilatyň köp bölegini Kairiň töweregindäki täze şäherlere göçürmek bilen baglanyşykly meýilnamalaryň üstünde işleýär.

Mehikonyň ilaty 22 milliondan geçýär. Her inedördül kilometrine 5 müň 270 adam düşýän Meksikanyň bu şäheri köp sanly meseleler bilen ýüzbe-ýüzdür. Şeýle-de bolsa, bu şäher ýurduň iň uly ykdysady we medeni merkezi bolmagynda galýar.

Pekiniň ilaty, takmynan, 22 million adama deň. Hytaýyň paýtagty içerki migrasiýasyny üstünlikli dolandyrýar we ýokary howpsuzlyk derejesini saklap, jahankeşdeleri we maýadarlary özüne çekýär. Şäheriň her inedördül kilometrinde, takmynan, 13 müň adam ýaşaýar.

21 milliondan gowrak ilaty bolan Mumbaýyň her inedördül kilometrinde 22 müň adam ýaşaýar. Hindistanyň bu şäheri gözel ýerleri bilen köpleri özüne çekýär.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DOGLAN GÜNDE ŞEM ÜFLEMEK DÄBI

**Süýjülik torty islendik baýramçylygyň, dabaralaryň we iň esasy hem doglan günleriň meşhur tagamlarynyň biri hasaplanýar. Hatda bu süýji tagama doglan günüň nyşany diýsek hem bolar. Çünki doglan günleriň ählisi hem süýjülik torty bolmazdan geçmeýär. Doglan gün bellenende tort kesmezden öň, üstüne ýaşyň bilen bagly şemler goýulýar. Şemler ýakylandan soň bolsa, arzuwlar edilip, üfläp öçürilýär. Eýsem, süýjülik tortunyň üstünde şem ýakmak däbi nireden gözbaş alýar? Näme üçin doglan günlerde şem ýakylýar?**





Doglan günde şem bilen bezelen tort kesmek däbi Germaniýadan gözbaş alýar. «Kinderfest» ady bilen meşhur bolan bu däbe görä, hossarlary çagalaryň doglan günlerine üstünde şem goýlan tort sowgat edipdirler. Bu däp boýunça şem ýakylandan soň, öýüň çyrasy öçürilipdir we çagajyk gowy arzuwlar edip şemi üfläpdir. Olar şemiň uşygyna «durmuşyň çyrasy» diýip düşünip, arzuwlaryna has çalt gowuşjakdygyna, bagtly boljakdygyna we üstünliklere ýetjekdigine ynanypdyrlar. Bu däp wagtyň geçmegi bilen Ýewropada meşhur bolup, dünýäniň beýleki halklaryna hem ýaýraýar.

Şem üflemek däbiniň has irki nusgasy Gadymy Gresiýadan gözbaş alýar. Grekler Aý hudaýy Artemisiň doglan gününi bellemek üçin tort bişirip, üstünde Aýyň şekilinde şemleri ýerleşdiripdirler. Arzuwlar edilenden soň bolsa, şemleri üfläp öçüripdirler. Grekler şem öçürilende çykýan tüssäniň arzuwlary ýokary alyp gidýändigine ynanypdylar. Şeýlelikde, şem isleglerini hasyl edýän serişde hökmünde peýdalanylyp başlanypdyr.

Rim imperiýasy döwründe hem şem bilen bezelen tortlar meşhur bolupdyr. Imperatoryň we döwlet işgärleriniň doglan gününi bellemek üçin süýjülik çörekleri bişirilip, üstünde şem ýakylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen bu däp ýerli ilatyň arasyna ýaýrap, ýurduň esasy däpleriniň birine öwrülipdir.

Halklaryň köpüsinde diňe doglan günde däl, eýsem, beýleki baýramçylyklardyr adaty günlerde hem şem ýakylyp, işiň şowly bolmagy üçin arzuwlar edilýär. Köpler şemi bir demde üfläp öçürmegiň arzuwyňa has çalt ýetirýändigine ynanýarlar. Şemleriň käbiriniň öçmän galmagyna gynanyp, üstünlik gazanyp bilmerin diýip tukatlanýarlar. Umuman, doglan günüňde şem üflemek we süýjülik tortuny kesmek däbi adamzadyň arzuw-niýetleri hem-de geljege bolan ynamy bilen baglanyşykly dörän adatlaryň biridir.

# Tebigatyň täsin gözelligi

Tebigat özüniň täsin gözellikleri bilen adamzady maýyl edýär. Syýahatçylaryň köpüsi birnäçe menzil ýol geçip tebigy gözellikleri görmäge barýan bolsa, köpler şol owadan tebigatyň gujagynda ýaşaýar. Şeýle gözellikleriň biri hem Perunyň (Günorta Amerika döwleti) demirgazygyndaky Kalendin welaýatynyň Kahamarka şäherinde ýerleşýän «Cascada Velo de Nowia» şarlawugydyr. Uzakdan seredeniňde toý lybasly gelne meňzeýän bu şarlawuk ýurduň romantik ýerleriniň biri hasaplanýar. Köpçüligiň arasynda «Gelin şarlawugy» ady bilen tanalýan bu gözellik ýerli we daşary ýurtly jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýär. 2019-njy ýylda syýahatçylyk pudagynda iň meşhur ýerleriň birine öwrülen «Gelin şarlawugynyň» beýikligi 15 metre ýetýär. Kahamarka dagynyň depesinden aşaklygyna inýän çeşme gaýalaryň ýüzünde ak toý lybasly gelniň şekilini emele getirýär. Çekilen surata meňzeýän bu gözellige barmak üçin



dagyň beýikli-pesli depelerinden we kert gaýalaryndan geçip, 2 sagat çemesi pyýada ýöremeli bolýar. Barmasy kyn bolan bu ýer ýylyň belli bir döwründe syýahatçylar üçin çäklendirilýär. «Gelin şarlawugyny» wideoşekiller we fotosuratlar arkaly ýakyndan synlap bolýar.

# Gyş paslynda iýmeli miweler

**Gyş paslyny sagdyn geçirmek we immuniteti güýçlendirmek üçin iýmit sanawyna miweleri goşmaly. Esasan hem, howanyň sowuk günlerinde käbir miwäni iýmegi ýola goýmaly. Miwelerdäki witaminler we ýokumly maddalar saglygyňy berkidýär hem-de bedeniň kesele garşy durujylyk ukybyny güýçlendirýär.**

**Ananas.** Immuniteti güýçlendirýän C witamininiň çeşmesi bolan ananas iýmit siňdirişe peýdaly bolmak bilen bir hatarda, çişme howpuny azaldýar. Düzüminde bromelain fermentini saklaýan bu miwe süňkleri zerur bolan marganes bilen üpjün edýär.

**Alma.** Günbatarda «Her gün bir alma iýmek lukmany uzaklaşdyrýar» diýen aýtgy bar. Bu miwe düzüminde köp mukdarda pektin we kwersetin (antioksidant) saklaýar. Alma immuniteti güýçlendirýär we bedeni birnäçe kesellerden goraýar. Almany gabygy bilen bilelikde iýmek has peýdalydyr.

**Kiwi.** C witamininiň çeşmesi bolan bu miwe immuniteti güýçlendirýär. Kiwi beden üçin gündelik zerur bolan C witamininiň 80 göterimini üpjün edýär. Süýüme, kaliý we K witamine baý bolan bu miwe bedeni sowuklamalardan goraýar. Şol sebäpli howanyň sowuk günlerinde kiwini köpräk iýmeli.

**Banan.** Islendik möwsümde elýeterli bolan bu miwe kaliniň çeşmesidir. Banan ýürek we myşsalaryň işleýşini goldamakdan başlap, bedende täze öýjükleriň emele gelmegine ýardam edýär. Düzüminde B6 witaminini we elektrolitleri saklaýan bu miwe bedeniň suw deňagramlylygyny kadalaşdyrýar.

**Apelsin.** C witamine baý miweleriň biri bolan apelsin immuniteti güýçlendirmek bilen bir hatarda, iýmit siňdiriji agzalaryň işini ýeňilleşdirýär. Düzüminde foliý turşusy, kaliý we kalsiý saklaýan narynç miwe içegeler üçin zerur bolan süýümiň çeşmesi hasaplanýar. Her gün bir bulgur apelsiniň sykylan şiresini içmek bedeniň kesele garşy durujylyk ukybyny güýçlendirýär.

**Nar.** Güýçli antioksidant çeşmesi bolan gyzyl däneli miwe bedeni erkin radikallardan gorap, kesele garşy durujylyk ukybyny güýçlendirýär. Naryň sykylan şiresi iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär we çişme howpuny azaldýar. Şeýle hem bogun agyrylarynyň öňüni alýar.

**Armyt.** Düzüminde C witaminini, kaliý, mis we magniý saklaýan bu miwe gandaky şekeriň derejesini kadalaşdyrýar. Armyt süýjüli diabeti bar bolanlara iýilmegi maslahat berilýän miweleriň biridir. Süýüme baý bu miwe iýmit siňdirişe we deriniň ýaş görünmegine peýdaly hasaplanýar.

**Limon.** Gyşyň miwesi hasaplanýan limon güýzüň soňuna ýetişýär. Düzüminde C witamini saklaýan bu miwe antioksidantyň baý çeşmesi hasaplanýar. Limon immuniteti güýçlendirmekden başlap, deri we göz üçin peýdalydyr. Turşumtyk tagamly bu miwe bedeniň alyş-çalşygyny çaltlaşdyrýar.



# Näme üçin gyzdyranymyzda üşeýäris?

**Howanyň üýtgeýän günleri, esasan hem, güýz we gyş paslynda howa şertine laýyklykda geýinmek, C, D witaminine baý önümleri iýmek hem-de melhem çaýlary içmek berjaý edilmeli esasy şertler hasaplanýar. Çyglylygyň ýokarlanmagy hem-de howanyň sowamagy dümew alamatlarynyň töwekgelçiligini has-da artdyrýar. Şemallanymyzda ýa-da dümew ýokuşanda bedenimiziň gyzgynlygy ýokary göterilip, üşäp başlaýarys. Galyň geýnendigimize garamazdan özümizi buz ýaly duýup, birden derleýäris. Eýsem, näme üçin bedeniň gyzgynlygy ýokarlananda üşeýäris?**



Bedeniň gyzgynlygy ýokary göterilende myşsalar gysylýar. Myşsalaryň gysylmagynyň maksady ýokançlyklara we dümewe garşy göreşmek üçin bedeniň gyzgynlygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Adam gyzdyranda titremek, üşemek ýaly alamatlar ýüze çykyp, derlemek arkaly bedendäki ýokançlyklar daşyna çykýar. Beýnide bedeniň gyzgynlygyny kadalaşdyrýan we termostat (gyzgynlygy kadalaşdyryjy) hökmünde hyzmat edýän bölek bar. Oňa gipotalamus diýilýär. Tomus aýlarynda bedeniň gyzgynlygy bolmalysyndan ýokary galanda, gipotalamus myşsalara signal iberip, bedeniň derlemegini we sowamagyny üpjün edýär. Sowuk howa bedenimize täsir edende bolsa, gipotalamus üşemek we titremek alamatlaryny ýüze çykaryp, bedeniň gyzgynlygyny ýokarlandyrýar.

# ÇAGALAR

**Dünýäde pingwiniň jemi 18 görnüşi bar. Pingwinler sagatda 25-40 kilometr tizlik bilen ýüzüp bilýärler.**



# Kosmonawt bolmagy ARZUW EDÝÄRIN

**Çagalyk ýyllary arzuwlaryň möwç alýan döwri hasaplanýar. Her bir adam özüniň haýsy hünäri saýlajakdygy barada çagalyk ýyllarynda arzuw edýär. Kimler mugallym bolmagy arzuw edýän bolsa, kimler lukman, kimler gurluşykçy bolmagy halaýar. Kimler bolsa, oba hojalyk işlerini ösdürmegi arzuw edýär. Megerem, araňyzda kosmonawt bolmagy arzuw edýänleriňiz hem bar bolsa gerek. Kosmos pudagynda zähmet çekmek täsin ýagdaý ýaly bolup görünse-de, wagtyň geçmegi bilen kosmonawt hünäri hem adaty kärleriň birine öwrüler. Tehnologiýanyň ösýän döwründe barha kämilleşdirilýän kosmos pudagy kömpleriň arzuw edýän hünärleriniň biridir. Eýsem, kosmonawt bolmak üçin haýsy dersleri gowy bilmeli? Kosmonawt bolmak kynmy?**

Kosmonawt bolmak köp adamyň arzuw edýän hünäri. Şeýle-de bolsa, bu arzuwy amala aşyrmak üçin birnäçe ylymdan gowy baş çykaryp, fiziki taýdan türgenleşmeli. Hatda birnäçe ýylyň dowamynda düýpli taýýarlyk görmeli. Häzirki wagtda kosmos syýahatlary ýola goýlup, Ýer şaryny ýokardan synlamak has aňsatlaşdy. Kosmosa gidýän syýahatçylara ýolbelet bolmak hem-de kosmos gämisini dolandyrmak üçin bolsa, işine ezber kosmonawt gerek.

Kosmonawt bolmak isleýänler, ilki bilen, fizika, astronomiýa ylymlaryny, inženerçilik, matematika we tehnologiýany giňişleýin öwrenmeli. Başgaça aýdylanda, STEM maksatnamasyny kämil bilmeli. Mundan başga-da, fiziki taýdan türgenleşip, çydamlylygy talap edýän kyn şertlerden özüňi alyp çykmaly.

Adatça, kosmos agentlikleri inženerçilik, fizika, biologiýa we matematika ýaly tehniki ugurlardan hünäri hem-de derejesi bolan dalaşgärleriň arasyndan kosmonawt saýlaýarlar. Mundan başga-da, kosmos dalaşgärleri uçuş synaglaryndan we çäkli gurşawda fiziki tejribe synaglaryndan geçirilýär. Kosmonawtlar adatça 30 ýaşa çenli hünär tejribesini alýarlar. ABŞ-nyň kosmos agentligi bolan NASA (Milli awiasiýa we kosmos dolandyryşy) 2 ýyl degişli hünär tejribesi bolan we uçarda pilot



hökmünde 1000 sagat uçan hünärmenleriň arasyndan kosmonawtlary saýlaýar.

Häzirki wagtda kosmonawt hünäri iki ugra bölünýär. Olaryň birinjisi kosmos gämisiniň serkerdesi ýa-da dolandyryjysy bolan «Uçarman kosmonawt» ugry bolup, ikinjisi kosmos gämisinde synag işlerini geçirýän «Missiýanyň hünärmeni kosmonawtlar» toparydyr. Tuluzadaky ISAE-SUPAERO (Fransiýa) uniwersitetiniň garamagyndaky «Spaceflight» instituty kosmos hünärinden şahadatnama berýän dünýädäki ilkinji kosmonawt okuw programmasy hasaplanýar. Geljekde dünýä döwletlerinde kosmonawtlary taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesi açylar. Kosmos pudagy iň köp isleg bildirilýän ugurlaryň birine öwrüler.

# Dünýäniň iň uly ýük ulagy

Ýerden gazylyp alynýan magdan känlerini daşamakda, ýükleri degişli ýere ugratmakda we ýolsuz ýerlerde gatnawy amala aşyrmakda ýük ulaglarynyň ähmiýeti örän uludyr. Käbir sebitde magdan känleri aşa köp gazylyp alynýar. Dag-magdan işini wagtynda ýerine ýetirmek üçin bolsa, aşa kuwwatly ulaga zerurlyk duýulýar. Dag-magdan ulgamynda peýdalanmak üçin işlenip düzülen «Belaz 75710» dünýäniň iň uly ýük ulagy hasaplanýar. Äpet ulagy göreniňde, birbada onuň hakykydygyna ynanmak hem kyn. Köpiňiz bu ulagy kinofilmlerde ýa-da awtoulagly multfilmlerde hem gören bolsaňyz gerek. Belki käbiriňizde bu ulagyň oýnawaç görnüşi hem bardyr.

2013-nji ýylda magdan känlerini aşa köp daşamak maksady bilen Belarusuň «BELAZ-HOLDING» kompaniýasy «Belaz 75710» ýük ulagyny işläp düzýär. Ýük ulagynyň agramy 360 tonna barabar bolup, uzynlygy 20,6 metre ýetýär. Beýikligi 8,16 metre, ini 9,87 metre barabar bolan äpet ýük ulagynyň 8 sany uly tekeri



bar. «Belaz 75710» 496 tonna ýüki göterip bilýär. Bu äpet ulaga iki sany 16 silindrli turbo görnüşli dizel hereketlendirijisi oturdylypdyr. Ýük ulagy 100 kilometr ýol geçmek üçin 1 müň 300 litr ýangyç sarp edýär. Äpet ulagyň sagatdaky tizligi 64 kilometre deň.

## 7 tapawudy tapyň!







## Pingwinler barada GYZYKLY MAGLUMATLAR

- ☑ Pingwinler iň enaýy we täsin jandarlaryň biridir. Dünýäniň iň sowuk we iň yssy ýerinde ýaşamaga uýgunlaşan bu guşlar gülkünç hereketleri bilen adamlaryň ünsüni özüne çekýär.
- ☑ Pingwinler adamlardan we beýleki janly-jandarlardan ürküp gaçmaýarlar.
- ☑ Dünýädäki iň kiçi pingwiniň ululygy bary-ýogy ananas ýalydyr. Boýy 30 santimetre ýetýän bu kiçijik pingwiniň agramy 1,5 kilogramdan geçmeýär.
- ☑ Pingwinleriň köpüsi Günorta ýarym şarda ýaşaýar. Köpler pingwinler Antarktidada ýaşaýar diýip pikir etselerde, bu guşlar Günorta Amerikada, Afrikada, Awstraliýada we Täze Zelandiýada-da duş gelýär. Dünýäde pingwiniň jemi 18 görnüşi bar.
- ☑ Taryhy tapyndylara görä, dinozawrlaryň döwründe 1,5 metr beýiklikdäki pingwiniň ýaşap geçendigi çaklanylýar.
- ☑ Imperator pingwinleriniň maşgala adatyna görä, mäkiýany ýumurtga goýandan soňra, aw awlamaga gidýär. Pingwiniň horazy bolsa, ýumurtgalary basyryp, daşky howplardan goraýar.
- ☑ Pingwiniň horazy mäkiýanyna sowgat hökmünde daş böleklerini berýär. Mäkiýan pingwin bu daşlary ulanyp höwürtge ýasaýar.
- ☑ Pingwinler uly topar bolup ýaşaýarlar we biri-birini ýüz keşbinden tanaýarlar.
- ☑ Pingwinler uçup bilmeýändigine garamazdan, ökde ýüzüjiler hasaplanýar. Bu guşlar sagatda 25-40 kilometr tizlik bilen ýüzüp bilýärler.

## Labirint



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat



# Jorj Baýronyň ýygyndysy

Geçen asyryň başlarynda Angliýanyň Kambriýa graflygyndaky mekdep kitaphanasyndan alnan kitap 113 ýyldan soň yzyna gaýtarylyp berildi. Bu barada «Guardian» gazeti habar berýär.

«Birinji jahan urşundan öň mekdep kitaphanasyndan okamaga alnan kitap ahyrsoňy gaýtarylyp berildi» diýlip neşirde mälim edilýär.

Bu ýerde gürrüň, 1911-nji ýylda Leonard Ýubank atly okuwçy tarapyndan mekdep kitaphanasyndan alnan Jorj



Baýronyň ýygyndysy barada barýar. Şol ýyl ýetginjek mekdebi gutarýar we Oksford uniwersitetine okuwa girýär. Birinji jahan urşy başlanda, görşüniň pesdigine garamazdan, goşun gullugyna çagyrylýar we 1916-njy ýylyň fewral aýynda frontda aradan çykýar.

«Ýubankyň gaýtaryp bermegi unudan kitaby Uelsde tapyldy we soňlugy bilen şol mekdep kitaphanasyna gaýtarylyp berildi. Bu ýygyndy iň «köne» kitaphana kitaplaryndan biri bolmagy mümkin» diýip, «Guardian» neşiri ýazýar.

# 100 ýyldan soň gaýtarylan kitap

Meşhur iňlis dramaturgy Wilýam Şekspiriň kitaby bir asyrdan soň ABŞ-nyň Nýu-Jersi şäherindäki Patersonyň jemgyýetçilik kitaphanasyna gaýtarylyp berildi. Ýerli ýaşaýjy Sintiýa Deleý merhum enesiniň zatlarynyň arasyndan «Genrih V» pýesasynyň seýrek neşiriniň üstünden barýar. Onda kitabyň 1923-nji ýylda kitaphanadan alnandygy bellik edilipdir. Sintiýa kitaphananyň işgärleri bilen habarlaşyp, kitaby yzyna gaýtarmakçydygyny habar berýär.

– Yzyna berilmeli we möhleti geçen kitaplary kitaphana gaýtarmak hiç wagt giç däl. Emma şunuň ýaly ýagdaýa soňky 20 ýylda ilkinji gezek gabat geldim



– diýip, kitaphananyň müdiri Kori Fleming aýdýar.

Bu kitabyň 1910-njy ýylda çäkli neşirde çap edilendigi we kolleksionerler üçin aýratyn ähmiýete eýedigi bellendi. Şol bir wagtyň özünde, kitap kitaphananyň yzyna berilmeli möhleti geçen kitaplary boýunça rekord goýmakdan uzakda. Şeýle rekordy Bremeniň arhiýepiskopy hakda nemes dilinde ýazylan neşir saklaýar. Ginnesiň rekordlar kitabynyň maglumatlaryna görä, şol kitap 1609-njy ýylda neşir edilipdir. Iňlis polkownigi Robert Wolpol ony 1667-1668-nji ýyllarda Kembrijdäki kitaphanadan okamaga alypdyr. Netijede, kitap 288 ýyldan soň yzyna gaýtaryldy. Professor Jon Plamb kitaby markiz Çamliniň Norfolkdaky hususy kitaphanasyndan tapdy.

**Dünýägözel SEÝIDOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň kitaphanasynyň 1-nji derejeli bibliografy.*

# Gonkur baýragyna mynasyp boldy

4-nji noýabrda Parižďäki «Drouant» restoranynda Fransiýanyň esasy edebiýat baýragy bolan Gonkur baýragynyň ýeňijisi mälim edildi. 2024-nji ýylyň edebiýat baýragy 1960-njy ýyllardaky Alžiriň garaşsyzlyk ugrundaky göreşlerine bagyşlanan «Hüýr» (Houris) romany üçin alžirli ýazyjy we žurnalist Kamel Dauda berildi. Romanyň baş gahrymany alžirli ýaş zenan Obe. Onuň ýurdunda bolup geçýän taryhy wakalar bedeninde ýara yzlaryny galdyryp, ses perdeleri hem bozulýar. Lal zenan ýene-de sesini dikeltmegiň arzuwynda bolýar. Ol öz başdan geçirenlerini diňe göwresindäki çaga aýdyp bilýärdi...

«Bu romanda edebiýatyň hakykaty we duýgy güýjüni beýan etmek erkinligi arkaly taryh bilen birlikde ýene-de bir eser döreýär» diýlip, baýragyň emin agzalarynyň beýanatynda bellenilýär.

Kamel Daud 54 ýaşynda. Ol Alžiriň port şäheri Mostaganemde dünýä indi. Ol ýurduň Oran uniwersitetinde



fransuz edebiýatyny öwrenýär. 1994-nji ýylda fransuz dilinde çap edilýän Alžiriň «Le Quotidien d Oran» gazetinde işläp başlaýar. Onuň 2013-nji ýylda neşir edilen «Marsonyň derňewi» atly ilkinji romany «Gonkur» baýragynyň gysga sanawyna hödürlenýär.

# «Kiçijik şazadanyň» golýazmasy satylar

Antuan de Sent-Ekzýuperiniň «Kiçijik şazada» romanynyň seýrek golýazmasy 20-24-nji noýabrda geçiriljek «Abu Dhabi Art» çeperçilik ýarmarkasynda, azyndan, 1,25 million dollara satylar. Bu barada «The Guardian» neşiri habar berýär. «Peter Harrington» kitap dükanynyň işgärleri munuň göçürilen üç nusganyň biridigini belleýärler.

Golýazma bilen birlikde, galam bilen çekilen iki sany surat, şol sanda öýüne gaýdyp barýan şazadanyň suraty hem-de Sent-Ekzýuperi tarapyndan gol çekilen 100 dollarlyk çek goşulýar.

«Kiçijik şazada» 1943-nji ýylda ABŞ-da, 1946-njy ýylda Fransiýada çap edildi. Bu eser dünýäde iň köp terjime edilen kitap boldy. Kitapdaky wakalar Ýere uzak planetadan uçup gelen we Kiçijik şazada duşan uçarmanyň adyndan gürrüň berilýär. Sent-Ekzýuperi bu eseri Nýu-Ýorkda ýazypdyr.

Antuan de Sent-Ekzýuperi fransuz ýazyjysy, şa-



hyry we uçarmanydyr. Ol 1900-nji ýylda Lion şäherinde dogulýar we 1944-nji ýylda, Ikinji jahan urşy döwründe awiaheläkçilige uçrap aradan çykýar.

**Şemşat ÝOMUDOWA,**
*Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň «Hereografiýa sungaty» bölüminiň bölüm müdiri.*

# Paýhaslar

☑ Dünýäde görmek isleýän üýtgeşikligiňi özüňden başla.

***Mahatma Gandi.***

☑ Adam näme pikir edýän bolsa, şoldur.

***Mark Awreliý.***

☑ Bagt taýýar zat däl. Ol siziň hereketleriňizden hasyl bolýar.

***Dalaý Lama.***

☑ Özüni ýeňen müň duşmany ýeňenden güýçlüdir.

***Budda.***

☑ Müň kilometrlik ýol ilkinji ädimden başlanýar.

***Lao-Szy.***

☑ Ykbal tötänlik däl-de, saýlawdyr.

***Žan-Pol Sartr.***

☑ Iň kyn zat – herekete girişmek baradaky karar, galanlary diňe tutanýerlilik.

**Ameliýa Erhart.**

☑ Adamyň beýikligi ýeten zatlaryna däl-de, ýeňip geçen zatlaryna baglydyr.

***Nelson Mandela.***

☑ Amala aşyryp biljekdigime ynanmasam hiç wagt hiç zat edip bilmezdim.

***Mari Kýuri.***

☑ Hatda, sen ýeke galan bolsaňam, özüňe bolan ynamyňy ýitirmeli dälsiň.

***Wladimir Wysoskiý.***

☑ Geçmişi unudanlaryň ony gaýtalajakdygy ikuçsuzdyr.

***Karl Ýung.***

☑ Hatda, geljekde näme boljagyny bilmeseňizem, hiç wagt ädim ätmekden gorkmaň.

***Artur Şopengauer.***

☑ Durmuş –gül, söýgi onuň balydyr.

***Wiktor Gýugo.***

☑ Özüň bol, beýleki keşpleriň hemmesi eýýäm ýerine ýetirildi.

***Oskar Waýld.***

☑ Yhlas etmek üçin ýaşamaýan adam eýýäm diri däldir.

***Leonardo da Winçi.***

☑ Hakyky paýhas, hemme zady bilmeýändigiňize düşünmekdir.

***Sokrat.***

☑ Köp zady bilýän däl-de, köp zady başarýan beýikdir.

***Konfusiý.***

☑ Bagt hemme zadyň kämil bolmagynda däl-de, bar zadyňdan lezzet almagyňdyr.

***Antuan de Sent Ekzýuperi.***

☑ Iň uly baýlyk, bar zadyň bilen kanagatlanmakdyr.

***Epikur.***

# Teýlor Swift kitap çykarmakçy

Amerikaly aýdymçy Teýlor Swift aýdym-saz taryhynda iň köp girdeji gazanan konsert syýahaty bolan «Eras Tour» barada kitap çykarmakçy. Bu barada ol jemgyýetçilik torlarynda habar berdi. Aýdymçy zenan dünýädäki çykyşlary barada «ýatlama galdyrmagy ýüregine düwendigini» belledi.

Swiftiň aýtmagyna görä, kitap şahsy pikirlerinden we hiç haçan görkezilmedik perde aňyrsyndaky suratlardan doly bolar. 256 sahypalyk kitap 29-njy noýabrda satuwa çykarylar.

– Gaty sahaply kitapda 500-den gowrak surat, şol sanda her döwürdäki çykyşlardan alnan öň görkezilmedik suratlar, taýýarlykdaky ýörite suratlar we tutuş syýahatyň dowamynda ulanylan gurallaryň, lybaslaryň we bezegleriň perde aňyrsyndaky suratlary hödürlendi – diýip, Swift belledi.

«Eras» konsert syýahaty 2023-nji ýylyň mart aýynda başlandy we häzirem dowam edýär. Ol dekabr aýynda Kanadanyň Wankuwer şäherinde tamamlanar. Ol ýerde Swift soňky dört albomyny: «Lover», «Folklore», «Evermore» we «The Tortured Poets Department» albomlaryny döretmek maksady bilen 149-njy konsertini gurar.






56-njy KROSSWORD

**Döwlet ALLAÝAROW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



57-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Jogap, düşündiriş talap edilip berilýän sowal. **2.** Şanyň ýakyn kömekçisi, maslahatçysy. **3.** «... aýagy üç bolar, bir-birine güýç bolar» (nakyl). **4.** Bir zada närazyçylyk bildirip, dilden edilýän şikaýat. **6.** Has möhüm. **7.** Içi miwe huruşly togalak süýji. **8.** «Garny bar-da, erni ýok» (matal). **9.** Deňiz guşlarynyň biri. **10.** Lakam. **13.** Urp-... **15.** Müşk, anbar. **16.** Ýoly saklaýan atly, nöker. **17.** Aýdym-saz žanry. **18.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrmak üçin guralan gurama. **19.** Gresiýada bir ada. **21.** Konditer önümlerini öndürýän kärhanalaryň biri. **22.** Tropik miwe. **24.** ...-yrada. **27.** Elektron güýçlendiriji. **28.** Aýlaryň biri. **30.** Adamyň we jandaryň iýmit siňdiriji agzasy, aşgazan. **32.** Saz sesiniň, owazynyň şertli çyzykly belgisi. **34.** Käkilige meňzeş aw guşy. **35.** Oglan ady. **36.** Ýokarsy ýaý şekilli piliň bir görnüşi. **38.** Owadan gülli ýüpek mata. **39.** Gelin-gyzlaryň dakynýan şaýlarynyň aşak etegindäki inçe uçly, ýokarsy gulply, ýüzi güberçekli şaýy. **40.** Syratly uzyn boý. **42.** Küşt oýnunda utulmak, ýatmak.

**KESELIGINE:** **1.** Suwluk ýerde ösýän ösümlik. **5.** Sportuň bir görnüşi. **9.** Arka, yz tarap. **11.** Gyz ady. **12.** «... gara günde, gurbaga saz bilen söhbetde» (nakyl). **14.** Agzy uly bolan. **16.** Köneden däp bolup galan dessur. **18.** Filosofiki tertip. **20.** Gurak howaly giden giňişlik. **23.** ...-seda. **25.** Gyz ady. **26.** Tämiz, päk. **27.** Saýtyň hil görkezijisi. **29.** Belgiýaly futbolçy ... Onana. **31.** «Gaýradan gelýän hök-hök,/Boýny uzyn, gözi gök,/ Baýbaý, onuň parlaýşyny, Parsy bolup sözleýşini» (matal). **33.** Ýiti ysly gül. **34.** Metal zatlary sepläp tutdurmak, kebşirlemek üçin ulanylýan ak un ýaly himiki jisim. **37.** Eňňit, ýapgyt ýer. **41.** Doňdurmanyň bir görnüşi. **43.** Gysylan maglumat formaty. **44.** Ýüz grama deň agyrlyk ölçeg birligi. **45.** Gymmatbaha daş.

54-nji krosswordyň jogaby:



55-nji krosswordyň jogaby:



**Maral AMANMÄMMEDOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# 3 OÝUNDA 9 GOL GEÇIRILDI

**Futbol boýunça ýurdumyzyň milli çempionatynda 29-njy tapgyryň çäginde 3 duşuşyk geçirildi. Çekeleşikli geçen duşuşyklarda 9 gol hasaba alnyp, 2 oýunda ýer eýeleri ýeňiş gazandy.**

Balkanabatda oýnalan «Nebitçi» bilen «Altyn asyryň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Gollaryň 4-si hem 2-nji ýarymda geçirilip, «Altyn asyr» topary Rahman Myratberdiýewiň 55-nji, Begenç Myradowyň 66-njy minutlardaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik ýer eýeleri duşuşyk tamamlanmanka, has takygy, soňky 6 minutda 2 gol geçirip, hasaby deňlemegi başardy. Oýnuň 84-nji minutynda Murat Ýakşiýew hem-de 90-njy minutda Gurbangeldi Batyrow tapawutlanyp, hasaby deňlän futbolçylar boldy.

Paýtagtda oýnalan oýunlarda ýer eýeleri ýeňiş gazanmagy başardy. «Aşgabat» topary «Merwi» kabul edip, 2–0 hasabynda üstün çykdy. «Aşgabat» toparyna ýeňiş getiren gollary 30-njy minutda Bäşim Gurbanberdiýew bilen 77-nji minutda Didar Didarow geçirdi. Duşuşygyň 62-nji minutynda «Aşgabat» toparyndan Azatmuhammet Hojamuhammedow 2-nji sary kartdan soň, meýdançadan çykaryldy.

Şeýle-de, «Köpetdag» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Köpetdag» toparynyň gollarynyň 2-sini hem 10-njy we 61-nji minutlarda Batyr Täçnazarow öz adyna ýazdyrdy. «Şagadamdan» Yhlas Magtymowyň 51-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» (Ç) | 26 | 26 | 0 | 0 | 126–19 | 78 |
| 2 | «AHAL» | 27 | 20 | 1 | 6 | 62–27 | 61 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 25 | 18 | 2 | 5 | 65–27 | 56 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 27 | 11 | 1 | 15 | 34–44 | 34 |
| 5 | «MERW» | 26 | 9 | 2 | 15 | 18–54 | 29 |
| 6 | «NEBITÇI» | 27 | 8 | 3 | 16 | 24–56 | 27 |
| 7 | «AŞGABAT» | 27 | 7 | 4 | 16 | 23–51 | 25 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 27 | 4 | 5 | 18 | 18–55 | 17 |

# «Inter Maýaminiň» garaşylmadyk ýeňlişi

ABŞ-nyň çempionaty MLS-de pleý-offuň 1-nji tapgyrynyň duşuşyklary tamamlanyp, konferensiýalaryň ýarym finalyna çykan klublar belli boldy. Tapgyrda Gündogar Konferensiýany rekord derejede utuk bilen 1-nji orunda tamamlan «Inter Maýami» toparynyň «Atlanta Ýunaýtedden» ýeňilmegi garaşylmadyk waka hökmünde bellige alyndy. 1-nji oýunda 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Inter Maýami», myhmançylykdaky 2-nji duşuşygynda şol hasap bilen



«Atlantadan» asgyn geldi. 3-nji duşuşyk Floridada oýnalyp, «Atlanta Ýunaýted» 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Rohas bilen Messiniň gollaryna myhmanlar Tiare (2) hem-de Slisiň gollary bilen jogap berdi. Şeýle-de, «Nýu Ýork Red Bull» topary «Kolumbus Krýuw» toparyndan (1–0, 2–2 5–4 p), «Nýu Ýork Siti» topary «Sinsinnati FK» toparyndan (0–1, 3–1, 0–0, 6–5 p) üstün çykmagy başardy. Gündogar Konferensiýadan ýarym finala çykan soňky topar «Orlando Siti» bolup, ol «Şarlotta FK» toparyny 3 oýundan soň ýaryşdan çykarmagy başardy (2–0, 0–0, 1–3 p, 1–1, 4–1 p).

Günbatar Konferensiýada Los Anjeles şäheriniň 2 topary-da ýaryşy dowam edýär. «LA Galaksi» topary «Kolorado Rapids» toparyny 5–0 we 4–1 hasaplar bilen 2 ýerde-de ýeňmegiň hötdesinden geldi. «Los Anjeles FK» topary-da öz meýdançasynda «Wankuwer Waýtkäps» toparyny 2–1 ýeňse, myhmançylykda 3–0 hasabynda utuldy. 3-nji duşuşykda bolsa 1–0 hasabynda ýeňip, ýarym finala çykdy. «Real Solt Leýk» bilen «Minnesota Ýunaýtediň» hem-de «Seattl Saunders» bilen «Hýuston Dinamo» klublarynyň arasyndaky oýunlaryň esasy wagtlary deňlikde tamamlandy. Minnesotalylar, şol sanda seattllylar 2 oýunda-da penaltilerde ýeňiş gazanyp, 2–0 hasaplar bilen garşydaşlaryndan üstün çykdy.

### ÝARYM FINALDA NÝU ÝORK DERBISI

● Gündogar Konferensiýanyň ýarym finalynda «Orlando Siti» bilen «Atlanta Ýunaýted», Nýu Ýork derbisinde-de «Nýu Ýork Red Bull» bilen «Nýu Ýork Siti» toparlary duşuşarlar. Günbatar Konferensiýanyň ýarym finalynda bolsa «Los Anjeles FK» bilen «Seattl Saunders» hem-de «LA Galaksi» bilenem «Minnesota Ýunaýted» özara güýç synanyşarlar. Duşuşyklar 24-25-nji noýabrda 1 oýun esasynda geçiriler.

Mälim bolşy ýaly, ABŞ-nyň çempionaty MLS-de pleý-offuň 1-nji tapgyrynda haýsy topar 2 duşuşykda ýeňiş gazansa, şol hem ýaryşy dowam edýär. Hersi öz meýdançasynda garşydaşyny kabul edip, şol 2 oýunda ýeňiş gazanan topar ýarym finala çykýar. Toparlaryň hersi 1 oýunda ýeňiş gazansa, onda indiki tapgyra çykjak topar 3-nji duşuşykda kesgitlenýär. Pleý-offuň 1-nji tapgyrynyň duşuşyklarynda deňme-deňlik hasaba alynmaýar. Her duşuşykda hökmany 1 topar ýeňiş gazanaýmaly. Duşuşygyň esasy wagty deňlikde tamamlansa, oýundan soňky penalti urgulary şol duşuşygyň ýeňijisini kesgitleýär. Konferensiýanyň ýarym finaly, finaly, şol sanda MLS Kubogynyň ýeňijisini kesgitleýän uly final duşuşygy 1 oýun esasynda geçirilýär.





## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

**15-nji noýabr (anna)**
Daniýa – Ispaniýa (00:45)
Portugaliýa – Polşa (00:45)
Şotlandiýa – Horwatiýa (00:45)
Gruziýa – Ukraina (00:45)

**16-njy noýabr (şenbe)**
Urugwaý – Kolumbiýa (05:00)
Türkiýe – Uels (22:00)
Germaniýa – Bosniýa (00:45)
Niderlandlar – Wengriýa (00:45)

**17-nji noýabr (ýekşenbe)**
Angliýa – Irlandiýa (22:00)
Italiýa – Fransiýa (00:45)

**18-nji noýabr (duşenbe)**
Hytaý – Ýaponiýa (17:00)
D. Koreýa – Özbegistan (17:00)
Gyrgyzystan – Eýran (19:00)
Bahreýn – Awstraliýa (23:15)
Horwatiýa – Portugaliýa (00:45)
Polşa – Şotlandiýa (00:45)
Ispaniýa – Şweýsariýa (00:45)
Serbiýa – Daniýa (00:45)

**19-njy noýabr (sişenbe)**
Russiýa – Siriýa (21:30)
Wengriýa – Germaniýa (00:45)

**20-nji noýabr (çarşenbe)**
Kolumbiýa – Ekwador (04:00)
Argentina – Peru (05:00)
Braziliýa – Urugwaý (05:45)

# Koko Gauff möwsümi jemledi

Tennis boýunça zenanlaryň arasynda möwsümiň jemleýji ýaryşy «WTA Finals» tamamlandy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde geçirilen ýaryşa WTA-nyň sanawynda öňde barýan 8 tennisçi gatnaşdy. Olar 2 toparçada bäsleşip, netijede finala amerikaly Koko Gauff bilen hytaýly Çžen Sinwen çykdy. Çekeleşikli geçen finalda ýeňiji 3 setde belli boldy. 1-nji setde Sinwen 6:3 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde bolsa ýeňiş Koko Gauffyň tarapynda boldy (6:4). Final set hasam çekeleşikli geçip (7:6), taýbregiň netijesinde amerikaly tennisçi ýeňşini baýram etdi. Şunlukda, 2:1 hasabynda ýeňiş gazanan Koko Gauff birnäçe statistikalaryň hem eýesi boldy. Ol Serena Williamsdan soň (2014) bu ýaryşda çempionlyk gazanan ilkinji amerikaly, şol sanda soňky 20 ýylda çempion bolan iň ýaş tennisçisi hökmünde hasaba alyndy (Mariýa Şarapowa, 2004). Ol şol bir wagtyň özünde soňky 18 ýylda bir ýaryşda sanawyň 1-nji hem-de 2-nji belgili tennisçilerini ýeňen ilkinji tennisçi diýlip bellige alyndy. Soňky gezek 2006-njy ýylda «Amerika Açykda» Mariýa Şarapowa sanawyň 1-2-nji basgançaklaryndaky tennisçileri ýeňipdi.



Bu ýaryşda Li Nadan soň finala çykan 2-nji hytaýly tennisçi bolan Çžen Sinwen bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşdy. Ýaryşyň dowamynda belarusly Aryna Sabalenka, italiýaly Jasmin Paolini, gazagystanly Ýelena Rybakina, hytaýly Çžen Sinwen gülgün toparçada, polşaly Iga Şwentek, amerikaly Koko Gauff, russiýaly Dariýa Kasatkina hem-de çehiýaly Barbora Kreýçikowa mämişi toparçada çykyş etdiler.

Ýaryşyň umumy baýrak gaznasy 15,25 million dollara deň bolup, ýeňiji 3 million 770 müň dollarlyk pul baýragy bilen sylaglandy.

Şeýle-de, jübütleriň arasynda kanadaly Gabriela Dabrowski bilen awstraliýaly Erin Rutlif çempion bolup, olar finalda çehiýaly Katerina Siniakowa bilen amerikaly Teýlor Tawnsendi ýeňlişe sezewar etdi.

# TOPARLARYŇ TÄZE TÄLIMÇILERI

Italiýanyň «Roma» topary möwsümde eýýäm tälimçisini 2-nji gezek çalyşýar. Öz meýdançasynda «Bolonýadan» 3–2 hasabynda asgyn gelen paýtagtlylaryň tälimçisi Iwan Ýuriç wezipesinden boşadyldy. Topar onuň ýolbaşçylygynda 12 oýunda 4 gezek ýeňiş gazanyp, 5 sapar utuldy. «Roma» topary Ýuriçiň ornuna 73 ýaşyndaky halypa tälimçi Klaudio Ranierini wezipä belledi. Ol geçen ýylyň maýynda tälimçiligi taşlapdy. Ranieri 3-nji gezek «Roma» toparyna tälim berer. Ol 2009-2011-nji ýyllarda, şol sanda 2019-njy ýylda gysga wagtlyk «Roma» toparynyň tälimçisi bolupdy.





Argentinaly meşhur tälimçi Horhe Sampaoli ýene-de Ýewropa dolandy. 64 ýaşyndaky tälimçi Fransiýanyň «Renn» toparynyň tälimçiligine bellendi. Ol Žýulen Stefanyň ornuna geçdi. Sampaoli fransuz kluby bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Soňky sapar «Flamengo» toparyna tälim beren Sampaoli 2023-nji ýylda brazil klubundaky işini taşlapdy. «Sewilýa», «Marsel», «Santos» klublaryna tälim beren Sampaoli Argentinanyň we Çiliniň milli ýygyndylarynyň tälimçisi hem bolup işläpdi.



Geçen hepdäniň ahyrynda tälimçisi Luka Gottini wezipeden boşadan «Leççe» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. Italýan kluby 57 ýaşyndaky Marko Jampaolony toparyň tälimçiligine belledi. Tejribeli hünärmen ozal «Kremoneze», «Empoli», «Sampdoriýa», «Milan», «Torino» ýaly klublara tälim beripdi. Jampaolonyň şertnamasynyň möhleti 2025-nji ýylyň 30-njy iýunyna çenli diýlip kesgitlendi.

Geçen möwsümde AFK Çempionlar Ligasyny gazanan BAE-niň «Al Ain» topary argentinaly tälimçisi Hernan Krespony wezipesinden boşatdy. Yklym kubogyny gazandyran tälimçi geçen ýylyň noýabrynda bu wezipä bellenipdi. AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda soňky duşuşykda «Al Nassr» toparyndan 5–1 utulan bu toparyň 4 oýnuň netijesinde 1 utugy bar. «Al Ain» topary Kresponyň ornuna portugaliýaly Leonardo Ýardimi klubuň täze tälimçisi wezipesine belledi. Ýardim geçen iýun aýyna çenli Kataryň «Al Raýýan» toparyna tälim beripdi. 50 ýaşyndaky tälimçiniň şertnamasynyň möhleti geljek ýylyň tomsuna çenli bolar. Ýardim Arap ýarym adasynda «Al Raýýandan» öňem Saud Arabystanynyň «Al Hilal» toparyna, şol sanda BAE-niň «Şabab Al-Ahli» toparyna tälim beripdi. Ýardim Ýewropada bolsa «Braga», «Olimpiakos», «Sporting», «Monako» ýaly klublary türgenleşdiripdi.





Tälimçisi Ruben Amorimi «Mançester Ýunaýtede» ugradan Portugaliýanyň çempionatynyň ýeňlişsiz lideri «Sporting» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. Lissabonlylar 40 ýaşyndaky Žoao Pereýrany 3 ýyllyk şertnama bilen toparyň täze tälimçisi edip bellediler. Ol «Sporting» klubunda «B» topara tälim berýärdi. Bu onuň ilkinji uly tejribesi bolar. Žoao Pereýra karýerasy boýunça — 2002—2021-nji ýyllar aralygynda «Benfika», «Žil Wisente», «Braga», «Sporting», «Walensiýa», «Hannower», «Trabzonspor» klublarynda oýnady. Ol «Sporting» (2010–12, 2015–16, 2021) klubunda 3 dürli döwürde oýnap, karýerasyny bu klubda tamamlady.

# Guardiolanyň tälimçiliginde ilkinji gezek

Angliýanyň çempionatynda soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda «Braýtondan» Holannyň 23-nji minutda geçiren goluna garamazdan, 2–1 hasabynda asgyn geldi. «Braýton» toparyna ýeňiş getiren gollary Žoao Pedro bilen onuň pasyndan soň «Premier Ligadaky» ilkinji duşuşygyny oýnan O'Raýli geçirdi. Şeýlelikde, «Mançester Siti» topary Pep Guardiolanyň tälimçiliginde ilkinji gezek yzly-yzyna 4 duşuşykda ýeňlişe sezewar boldy. Öz meýdançasynda «Aston Willany» Nunýes we Salahyň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňen sanawyň lideri «Liwerpul» 5 utuk öňe saýlandy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda – London derbisinde «Çelsi» bilen «Arsenal» 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady. «Arsenaldan» Martinelliniň 60-njy minutdaky goluna «Çelsi» 70-nji minutda Pedro Netonyň goly bilen jogap berdi. «Lester Sitini» 3-0 hasabynda ýeňen «Mançester Ýunaýted» Erik ten Hagy ugradanyndan soň 4-nji duşuşygynda 3-nji ýeňşini gazandy. Garaşylmadyk ýagdaýda myhmançylykda «Tottenhamdan» 2-1 hasabynda üstün çykan «Ipswiç Tawn» «Premier Ligada» 22 ýyldan soň ilkinji ýeňşini baýram etdi.



# GEÇEN MÖWSÜMIŇ TERSINE

Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada» «Baýere» geçen möwsümdäki ýaly ýeňiş gazanmak ýeňil düşenok. Çabi Alonsonyň şägirtleri geçen möwsümde soňky minutlarda bolsa-da, ýeňiş gazanmagy başarýardy. Topar 15-den köp duşuşykda soňky minutlarda geçiren gollary esasynda ýeňiş gazanypdy ýa-da ýeňlişden halas bolupdy. Ýöne bu möwsümde bu ýagdaý tersine dowam edýär. Myhmançylykda «Bohum» bilen duşuşan «Baýer» 18-nji minutda Patrik Şikiň goly bilen öňe geçdi. Ýöne lewerkuzenliler duşuşygyň 89-njy minutynda ýeňşi elden giderdi. Şu möwsümde ýeňiş gazanyp görmedik «Bohum» toparynyň adyndan hasaby deňlän goly Miýoşi geçirdi. «Baýer» topary şu möwsümde eýýäm 3-nji gezek soňky minutlarda gol geçirdip, ýeňşi elden giderdi. Bu deňlik lewerkuzenlileriň çempionatyň çäginde soňky 6 duşuşykdaky 5-nji deňme-deňligidir.



Sanawyň lideri «Bawariýa» bolsa Jamal Musialanyň ajaýyp goly bilen «Sankt-Paulini» 1-0 hasabynda utdy. Şu möwsümde öz meýdançasynda ýeke utuk hem ýitirmän gelýän «Borussiýa Dortmundyň» myhmançylykdaky şowsuzlygy dowam edýär. «Maýnsdan» 3-1 hasabynda asgyn gelen «Borussiýa Dortmund» myhmançylykda bassyr 4-nji duşuşygynda ýeňildi. 2-nji ýerdäki «Leipsig» hem öz meýdançasynda «Borussiýa M» bilen golsuz deňme-deň oýnady.

### PREMIER LEAGUE (11) — 26 gol

**Brentford—Bornmut: 3–2** (Wissa 27, 58, Damsgor 50 — Ewanilson 17, Kluiwert 49), **K. Palas—Fulham: 0–2** (Smit-Rou 45+2, Wilson 83), **West Ham—Ewerton: 0–0**, **Wulwerhempton—Southempton: 2–0** (Sarabiýa 2, Mateus Kunýa 51), **Braýton—Man. Siti: 2–1** (Žoao Pedro 78, O'Raýli 83 — Holann 23), **Liwerpul—Aston Willa: 2–0** (Nunies 20, Salah 84), **Man. Ýunaýted—Lester: 3–0** (Bruno Fernandeş 17, Kristiansen 38 ö.d., Garnaço 82), **N. Forest—Nýukasl: 1–3** (Murilio 21 — Isak 54, Žoelinton 72, Barns 83), **Tottenham—Ipswiç: 1–2** (Bentankur 69 — Şmodiks 31, Delap 43), **Çelsi—Arsenal: 1–1** (Pedro Neto 70 — Martinelli 60)

### LA LIGA (13) — 21 gol

**R. Wallekano—Las Palmas: 1–3** (Makkenna 90+2 — F. Silwa 6, Aridane 62 ö.d., Fuster 67), **Real Madrid—Osasuna: 4–0** (Winisius Junior 34, 61, 69, Bellingam 42), **Wilýarreal—Alawes: 3–0** (Ahomag 38, Pareho 81 p, Komesaniýa 90), **Leganes—Sewilýa: 1–0** (De la Fuenta 82 p), **Betis—Selta: 2–2** (Roke 40, Bartra 90+5 — Rodriges 13, Duwikas 82), **Malýorka—Atletiko: 0–1** (Alwares 61), **Hetafe—Žirona: 0–1** (Herrera 42), **Walýadolid—Atletik: 1–1** (Moro 79 — Guruseta 90+4), **Real Sosiedad—Barselona: 1–0** (Bekker 33), **Espanýol—Walensiýa** (soňa goýuldy)

### SERIE A (12) — 30 gol

**Jenoa—Komo: 1–1** (Woliýaçço 90+2 — Da Kunýa 17), **Leççe—Empoli: 1–1** (Pierotti 77 — Pellegri 33), **Wenesiýa—Parma: 1–2** (Nikolussi-Kawilýa 5 — Waleri 17, Bonni 68), **Kaliari—Milan: 3–3** (Zortea 2, Zappa 53, 89 — Leao 15, 40, Abraham 69), **Ýuwentus—Torino: 2–0** (Wea 18, Ýyldyz 84), **Atalanta—Udineze: 2–1** (Paşaliç 56, Ture 60 ö.d. — Kamara 45+3), **Fiorentina—Werona: 3–1** (Moýze Ken 4, 59, 90+2 — Serdar 18), **Roma—Bolonýa: 2–3** (El-Şaarawi 63, 82 — Kastro 25, Orsolini 66, Karlsson 77), **Monza—Lasio: 0–1** (Zakkanýi 36), **Inter—Napoli: 1–1** (Çalhanoglu 43 — MakTomineý 23)

### BUNDESLIGA (10) — 19 gol

**Union Berlin—Fraýburg: 0–0**, **Werder—Holştaýn: 2–1** (Stage 36, Berk 90 — Harres 48), **Maýns—Borussiýa D: 3–1** (Li Je Son 36, Burkardt 45+3, Nebel 54 — Girassi 40 p), **Bohum—Baýer: 1–1** (Miýosi 89 — Şik 18), **Sankt-Pauli—Bawariýa: 0–1** (Musiala 22), **Leipsig—Borussiýa M: 0–0**, **Augsburg—Hoffenhaým: 0–0**, **Ştutgart—Aýntraht: 2–3** (Wagnoman 86, Woltemade 90 — Ekitike 45, Braun 56, Marmuş 62), **Haýdenhaým—Wolfsburg: 1–3** (Piringer 64 — Gerhardt 3, Dardai 42, Tomaş 90)

### LIGUE 1 (11) — 33 gol

**Marsel—Oser: 1–3** (Grinwud 65 p — Sinaýoko 10, Perren 43, Traore 45), **Strasbur—Monako: 1–3** (Due 29 — Ben Segir 79 p, 89, Ilenihena 90+1), **Lans—Nant: 3–2** (Frankowski 21 p, Ojediran 86, Tomasson 90 — Simon 36 p, Kozza 71), **Anže—PSŽ: 2–4** (Lepol 90+1, Biumla 90+7 — Li Kan In 17, 20, Barkola 31, 45+2), **Nissa—Lill: 2–2** (Diop 56, Luşe 90+6 — Fernandes-Pardo 17, Bakker 66), **Renn—Tuluza: 0–2** (King 14, Dennum 23), **Le Hawr—Reýms: 0–3** (Diakite 15, Nakamura 21, Ito 57), **Monpelie—Brest: 3–1** (Norden 4 p, Hazri 12, Kulibali 85 — Marten 50), **Lion—Sent-Etien: 1–0** (Lakazett 29)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 11 | 9 | 1 | 1 | 21-6 | 28 |
| 2 | MAN. SITI | 11 | 7 | 2 | 2 | 22-13 | 23 |
| 3 | ÇELSI | 11 | 5 | 4 | 2 | 21-13 | 19 |
| 4 | ARSENAL | 11 | 5 | 4 | 2 | 18-12 | 19 |
| 5 | N. FOREST | 11 | 5 | 4 | 2 | 15-10 | 19 |
| 6 | BRAÝTON | 11 | 5 | 4 | 2 | 19-15 | 19 |
| 7 | FULHAM | 11 | 5 | 3 | 3 | 16-13 | 18 |
| 8 | NÝUKASL | 11 | 5 | 3 | 3 | 13-11 | 18 |
| 9 | ASTON WILLA | 11 | 5 | 3 | 3 | 17-17 | 18 |
| 10 | TOTTENHAM | 11 | 5 | 1 | 5 | 23-13 | 16 |
| 11 | BRENTFORD | 11 | 5 | 1 | 5 | 22-22 | 16 |
| 12 | BORNMUT | 11 | 4 | 3 | 4 | 15-15 | 15 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 11 | 4 | 3 | 4 | 12-12 | 15 |
| 14 | WEST HAM | 11 | 3 | 3 | 5 | 13-19 | 12 |
| 15 | LESTER SITI | 11 | 2 | 4 | 5 | 14-21 | 10 |
| 16 | EWERTON | 11 | 2 | 4 | 5 | 10-17 | 10 |
| 17 | IPSWIÇ TAWN | 11 | 1 | 5 | 5 | 12-22 | 8 |
| 18 | KRISTAL PALAS | 11 | 1 | 4 | 6 | 8-15 | 7 |
| 19 | W. HEMPTON | 11 | 1 | 3 | 7 | 16-27 | 6 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 11 | 1 | 1 | 9 | 7-21 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 12 |
| 2 | Brian MBEMO (Brentford) | 8 |
| 3 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 8 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 8 |
| 5 | Koul PALMER (Çelsi) | 7 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 13 | 11 | 0 | 2 | 40-12 | 33 |
| 2 | REAL MADRID | 12 | 8 | 3 | 1 | 25-11 | 27 |
| 3 | ATLETIKO M | 13 | 7 | 5 | 1 | 19-7 | 26 |
| 4 | WILÝARREAL | 12 | 7 | 3 | 2 | 23-19 | 24 |
| 5 | OSASUNA | 13 | 6 | 3 | 4 | 17-20 | 21 |
| 6 | ATLETIK B | 13 | 5 | 5 | 3 | 19-13 | 20 |
| 7 | BETIS | 13 | 5 | 5 | 3 | 14-12 | 20 |
| 8 | R. SOSIEDAD | 13 | 5 | 3 | 5 | 11-10 | 18 |
| 9 | MALÝORKA | 13 | 5 | 3 | 5 | 10-10 | 18 |
| 10 | ŽIRONA | 13 | 5 | 3 | 5 | 16-17 | 18 |
| 11 | SELTA | 13 | 5 | 2 | 6 | 20-22 | 17 |
| 12 | R. WALLEKANO | 12 | 4 | 4 | 4 | 13-13 | 16 |
| 13 | SEWILÝA | 13 | 4 | 3 | 6 | 12-18 | 15 |
| 14 | LEGANES | 13 | 3 | 5 | 5 | 13-16 | 14 |
| 15 | ALAWES | 13 | 4 | 1 | 8 | 14-22 | 13 |
| 16 | LAS PALMAS | 13 | 3 | 3 | 7 | 16-22 | 12 |
| 17 | HETAFE | 13 | 1 | 7 | 5 | 8-11 | 10 |
| 18 | ESPANÝOL | 12 | 3 | 1 | 8 | 11-22 | 10 |
| 19 | WALÝADOLID | 13 | 2 | 3 | 8 | 10-25 | 9 |
| 20 | WALENSIÝA | 11 | 1 | 4 | 6 | 8-17 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 14 |
| 2 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 8 |
| 3 | RAFINÝA (Barselona) | 7 |
| 4 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 7 |
| 5 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 6 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 12 | 8 | 2 | 2 | 19-9 | 26 |
| 2 | ATALANTA | 12 | 8 | 1 | 3 | 31-15 | 25 |
| 3 | FIORENTINA | 12 | 7 | 4 | 1 | 25-10 | 25 |
| 4 | INTER | 12 | 7 | 4 | 1 | 26-14 | 25 |
| 5 | LASIO | 12 | 8 | 1 | 3 | 25-14 | 25 |
| 6 | ÝUWENTUS | 12 | 6 | 6 | 0 | 21-7 | 24 |
| 7 | MILAN | 11 | 5 | 3 | 3 | 20-14 | 18 |
| 8 | BOLONÝA | 11 | 4 | 6 | 1 | 15-13 | 18 |
| 9 | UDINEZE | 12 | 5 | 1 | 6 | 15-18 | 16 |
| 10 | EMPOLI | 12 | 3 | 6 | 3 | 9-10 | 15 |
| 11 | TORINO | 12 | 4 | 2 | 6 | 15-18 | 14 |
| 12 | ROMA | 12 | 3 | 4 | 5 | 14-17 | 13 |
| 13 | PARMA | 12 | 2 | 6 | 4 | 16-18 | 12 |
| 14 | WERONA | 12 | 4 | 0 | 8 | 17-27 | 12 |
| 15 | KOMO | 12 | 2 | 4 | 6 | 13-23 | 10 |
| 16 | KALIARI | 12 | 2 | 4 | 6 | 12-22 | 10 |
| 17 | JENOA | 12 | 2 | 4 | 6 | 9-22 | 10 |
| 18 | LEÇÇE | 12 | 2 | 3 | 7 | 5-21 | 9 |
| 19 | MONZA | 12 | 1 | 5 | 6 | 10-15 | 8 |
| 20 | WENESIÝA | 12 | 2 | 2 | 8 | 11-21 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 11 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 8 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 6 |
| 4 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 6 |
| 5 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 6 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 10 | 8 | 2 | 0 | 33-7 | 26 |
| 2 | LEIPSIG | 10 | 6 | 3 | 1 | 15-5 | 21 |
| 3 | AÝNTRAHT | 10 | 6 | 2 | 2 | 26-16 | 20 |
| 4 | BAÝER | 10 | 4 | 5 | 1 | 21-16 | 17 |
| 5 | FRAÝBURG | 10 | 5 | 2 | 3 | 13-11 | 17 |
| 6 | UNION BERLIN | 10 | 4 | 4 | 2 | 9--8 | 16 |
| 7 | BORUSSIÝA D | 10 | 5 | 1 | 4 | 18-18 | 16 |
| 8 | WERDER | 10 | 4 | 3 | 3 | 17-21 | 15 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 10 | 4 | 2 | 4 | 15-14 | 14 |
| 10 | MAÝNS | 10 | 3 | 4 | 3 | 15-14 | 13 |
| 11 | ŞTUTGART | 10 | 3 | 4 | 3 | 19-19 | 13 |
| 12 | WOLFSBURG | 10 | 3 | 3 | 4 | 19-18 | 12 |
| 13 | AUGSBURG | 10 | 3 | 3 | 4 | 13-20 | 12 |
| 14 | HAÝDENHAÝM | 10 | 3 | 1 | 6 | 13-15 | 10 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 10 | 2 | 3 | 5 | 13-19 | 9 |
| 16 | SANKT-PAULI | 10 | 2 | 2 | 6 | 7--12 | 8 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 10 | 1 | 2 | 7 | 12--25 | 5 |
| 18 | BOHUM | 10 | 0 | 2 | 8 | 10--30 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 11 |
| 2 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 11 |
| 3 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 6 |
| 4 | Wiktor BONIFEÝS (Baýer) | 6 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 6 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 11 | 9 | 2 | 0 | 33-10 | 29 |
| 2 | MONAKO | 11 | 7 | 2 | 2 | 18-8 | 23 |
| 3 | MARSEL | 11 | 6 | 2 | 3 | 24-15 | 20 |
| 4 | LILL | 11 | 5 | 4 | 2 | 18-11 | 19 |
| 5 | LION | 11 | 5 | 3 | 3 | 18-15 | 18 |
| 6 | NISSA | 11 | 4 | 5 | 2 | 21-11 | 17 |
| 7 | REÝMS | 11 | 5 | 2 | 4 | 19-15 | 17 |
| 8 | LANS | 11 | 4 | 5 | 2 | 12--9 | 17 |
| 9 | OSER | 11 | 5 | 1 | 5 | 20-19 | 16 |
| 10 | TULUZA | 11 | 4 | 3 | 4 | 13-11 | 15 |
| 11 | STRASBUR | 11 | 3 | 4 | 4 | 20-22 | 13 |
| 12 | BREST | 11 | 4 | 1 | 6 | 14-19 | 13 |
| 13 | RENN | 11 | 3 | 2 | 6 | 13-18 | 11 |
| 14 | NANT | 11 | 2 | 4 | 5 | 14-17 | 10 |
| 15 | ANŽE | 11 | 2 | 4 | 5 | 13-20 | 10 |
| 16 | SENT-ETIEN | 11 | 3 | 1 | 7 | 10--25 | 10 |
| 17 | LE HAWR | 11 | 3 | 0 | 8 | 8--23 | 9 |
| 18 | MONPELIE | 11 | 2 | 1 | 8 | 11--31 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 10 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 8 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 7 |
| 4 | Ewan GESSAND (Nissa) | 6 |
| 5 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 6 |

# «Barselona» 2-nji gezek ýeňildi

**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Real Sosiedad» bilen duşuşyp, 1–0 hasabynda asgyn geldi. Bu olaryň çempionatdaky 2-nji ýeňlişi bolup, duşuşykdaky ýeke-täk goly 33-nji minutda san-sebastianlylaryň



surinamly hüjümçisi Şeraldo Bekker geçirdi. «Real Madrid» öz meýdançasynda «Osasunany» kabul edip, garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 pökgi geçirdi. Gollaryň 3-sini Winisius Junior, beýlekisini-de Jud Bellingam öz atlaryna ýazdyrdy. Duşuşykda agyr şikes alan Eder Militaonyň möwsümiň galanynda meýdança çykmajakdygy habar berildi. «Atletiko Madrid» hem myhmançylykda «Malýorkadan» Hulian Alwaresiň 61-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen üstün çykmagy başardy.



**Italiýanyň çempionatynda** soňky 2 möwsümiň çempionlary «Inter» bilen «Napoliniň» arasyndaky duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. «Napoliden» MakTomineýiň 23-nji minutdaky goluna «Inter» Hakan Çalhanoglunyň ajaýyp goly bilen jogap berdi. Çalhanoglunyň 74-nji minutda ýerine ýetiren penaltisi sütünden yzyna gaýdyp, ol «Interde» ilkinji gezek penaltini dürs urup bilmedi. «Atalantanyň» «Udinezeni» 2–1 ýeňen tapgyrynda «Fiorentina» öz meýdançasynda «Weronadan» Moýza Keniň het-trigi bilen 3–1 hasabyndan üstün çykdy. Turin derbisinde «Ýuwentus» «Torinony» Wea hem-de Ýyldyzyň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. «Lasio» myhmançylykda «Monzany» Zakkanýiniň ýeke-täk goly bilen ýeňip, ýeňişli ýörişini dowam etdirdi. «Milan» bolsa myhmançylykda «Kaliari» bilen duşuşyp, Rafael Leaonyň 2 gol geçiren oýnunda, soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi (3–3).



**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri PSŽ myhmançylykda «Anže» bilen duşuşyp, garşydaşyny 4–2 hasabynda utdy. PSŽ





1-nji ýarymda Li Kan Iniň hem-de Barkolanyň gollary bilen 4–0 öňe geçip, ýer eýeleriniň oýnuň 90-njy minutyndan soň salan gollary ýeňşe ýetmedi. «Marseliň» öz meýdançasynda «Oserden» 3-1 hasabynda utulan tapgyrynda «Monako» 2 ýeňlişden soň şol hasap bilen «Strasbury» ýeňmegi başardy. «Monakonyň» gollarynyň 2-sini Ben Segir geçirdi.

# «BREST» TOPARY GEŇ GALDYRMAGYNY DOWAM EDÝÄR

**UEFA Çempionlar Ligasynyň liga görnüşdäki ilkinji möwsüminde duşuşyklaryň deň ýarysy tamamlandy. Sanawa seredenimizde, 4 oýnuň netijesinde garaşylyşyndan üýtgeşigräk klublary görmek bolýar. Sanawyň başyny ýeke utuk hem ýitirmedik «Liwerpul» çekýän hem bolsa, 2-3-4-nji ýerlerde degişlilikde, «Sporting», «Monako» hem-de «Brest» toparlarynyň boljakdygyndan ýaryş başlamazdan ozal, hiç kim güman etmedik bolsa gerek. Esasanam «Brestiň» bolmagy hemmeleri haýran galdyrmagyny dowam edýär. 4 duşuşykda ýeňilmän 10 utuk toplan «Brest» topary taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik edýär.**

Aslynda Fransiýanyň çempionaty diýlende, irki ýyllarda «Reýms», «Sent-Etien», «Bordo», «Marsel», 2000-nji ýyllaryň başlarynda «Lion», soňky 10-15 ýyllykda bolsa PSŽ, «Monako», wagtal-wagtal «Lill» klublary ýadyňa düşýär. Ýöne welin, hiç haçan «Brest» topary ýada düşenokdy. Sebäbi «Brest» toparynyň bardygyndanam köpler bihabar diýsek, öte geçdigimiz bolmaz. Ýurduň demirgazykgünbatarynda ýerleşýän Brittani sebitiniň Brest şäheriniň adybir kluby bolan bu topar 1903-nji ýylda «Armoricaine de Brest» ady bilen esaslandyrylýar. 1950-nji ýylda şäherdäki 5 katolik klubuň birleşmeginden soň ady «Stade Brest» bolýar. 1958-nji ýylda professional kluba öwrülen «Brest» topary Fransiýanyň 2-nji ligasynda çykyş edip başlaýar. 1979-njy ýylda bolsa ilkinji gezek ýokary liga – «Ligue 1»-e çykýar. 1980-nji ýyllarda arasynda 2-nji liga düşse-de, 5-6 möwsüm ýokary liga wekilçilik edýär. Belli döwürlerde Dewid Žinola, Stefan Giwarş, Bernar Lama, Pol Le Guen, Frank Riberi, Serhio Goýkoçea ýaly ýyldyz futbolçylaryň çykyş eden «Brest» topary 1990-njy ýyllaryň ahyrlarynda 4-nji ligada, 2000-nji ýyllaryň başlarynda bolsa 3-nji ligada oýnaýardy. 2004-nji ýylda «Ligue 2»-de çykyş edip başlaýar we 6 möwsümden soň, 2010-njy ýylda ýokary liga «Ligue 1»-e beýgelýär. 3-nji möwsümi tamamlap, täzeden aşaky liga düşen «Brest» topary 5 möwsümden soň, ýene-de «Ligue 1»-e gaýdyp gelýär. Topar şondan bäri-de ýokary ligada saklanmagyny dowam edýär.

Ýokary ligada 18-nji möwsümini geçirýän klubuň geçen möwsüme çenli «Ligue 1»-de gazanan iň ýokary netijesi 1986/87 möwsümindäki 8-nji ýer bolupdy. 2019/20 möwsümden bäri degişlilikde, 14-nji, 17-nji, 11-nji we 14-nji orunlary eýelän klub üçin geçen möwsüm ýatdan çykmajak ýyllaryň biri bolýar. Taryhy möwsümi başdan geçiren klubuň bu başarnygynda tälimçi Erik Roýuň paýy diýseň uludyr. 2023-nji ýylyň ýanwarynda Erik Roý toparyň tälimçiligine bellenilýär. Onuň esasy işi kluby ligada alyp galmak diýlip kesgitlenilýär. Roý wezipä bellenende, klub 17-nji tapgyrdan soň 13 utuk bilen aşaky orunlarda barýardy. Möwsümiň ahyrynda-da 44 utuk toplap, aşaky liga gitjek klublardan 2 basgançak ýokarda çempionaty tamamlaýar. 2023/24 möwsüminde-de Erik Roýdan talap edilen zat kluby «Ligue 1»-de alyp galmakdy. Doly ady «Stade Brestois 29» bolan klubuň düzümindäki oýunçylar beýleki toparlardan az-owlak tapawut edýär. Toparda ýaşy birçene baran futbolçylaryň sany köpräk bolup, az sanly ýaşlar bilen olaryň arasyndaky ysnyşykly oýny artdyryp, olardan ýokary netije almak üçin tagalla edilýär.

Klubuň ýolbaşçy düzümi özboluşly hereket edýär. 57 ýaşyndaky tälimçi Erik Roý wezipä bellenilmänkä, 11 ýyldan bäri tälimçilik hem edenokdy. Aslynda Roýuň tälimçilik karýerasy hem ýok diýen ýalydy. Ol diňe 2010-njy ýylyň maýyndan 2011-nji ýylyň noýabryna çenli aralykda «Nissa» toparyna tälim beripdi. Fransiýaly hünärmen şondan soň «Lans», «Wotford» ýaly klublarda sport direktory wezipesinde işleýär. Erik Roýuň tälimçilige bellenmegi barada «Brest» toparynyň sport direktory Gregori Lorenzi: – Köpler biziň Erik Roýy tälimçi edip bellemegimizi geň görüpdi. Hatda tankyt edenler hem bolupdy. Belki olaryň bellikleri dogry bolup biler. Sebäbi Roý köp wagtdan bäri tälimçilik edenokdy. Ýöne biz täze bir zady synap görmekçi bolduk. Toparymyzy aşaky liga düşmekden halas etmek üçin çempionatyň 9–10 klubunda işlän tälimçini wezipä bellemäge biz mejbur däldik. Meniň şeýle netijä gelmegimde duýgularymyň täsiri uly boldy — diýip belläp geçýär.


Erik Roý

Erik Roý futbolçylaryň özlerine bolan ynamlarynyň ýokary bolmagyny, şol sanda meýdançada çekinmezden hereket etmeklerini isleýär. Ýetilen bu sepgitde klubuň ýolbaşçy düzüminiň hem paýy az bolmaýar. Toparyň ýolbaşçy düzüminiň iş dolandyryş ulgamy çylşyrymly bolman, klubda meseläni az sanly ynsan çözýär. Netijede, çaltlyk hem-de işjeňlik ýüze çykýar we olam öz oňyn netijesini berýär.

2023/24 möwsümini 61 utuk bilen tamamlan klub çempionatda PSŽ we «Monakodan» soň 3-nji orny eýeleýär. Bu bolsa täze möwsümde UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşmak diýmegi aňladýar. Başgaça aýdylanda, klub Ýewrokuboklara çür depeden başlaýar. Konferensiýa, Ýewropa Ligalary däl-de, läheňleriň ligasy, ähli toparlaryň arzuwy bolan Çempionlar Ligasyna gatnaşýar.

Düýş ýaly tamamlanan möwsümden soň Çempionlar Ligasynyň debýutanty «Brest» beýleki klublar üçin ýeňil garşydaş hökmünde görülýär. Täze formatdaky ýaryşyň nähili netije görkezjekdigi köpleriň üns merkezinde bolup, bu ulgamyň uly klublara ýa-da kiçi klublara nähili bähbit getirjekdigi gümanady. «Brest» toparynyň duşuşjak bäsdeşleriniň belli bolmagyndan soň, klubuň tälimçisi: — Çempionlar Ligasy üçin ýörite transfer etjek zadymyz ýok. Elbetde, elimizden geleni gaýgyrmarys. Häzirki toparymyz bilen meýdança çykyp, güýjümizi gaýgyrman göreşeris — diýipdi. Ýöne topar tälimçiniň aýdyşy ýaly, ýörite taýýarlyk görmedik ýagdaýynda-da, şowly çykyş edip gelýär. Şu ýerde, taýýarlyk görlen bolsa, onda nähili bolardy diýen sowal köpleriň aňyna gelmän duranok.

Ilkinji duşuşyk öz meýdançasynda Awstriýanyň «Şturm Gras» topary bilen bolýar. Manetti we Abdallah Simanyň gollary bilen 2–1 hasabynda gazanylan ýeňiş «Brest» topary üçin taryhy waka hökmünde bellige alynýar. «Brest» topary 2-nji duşuşygynda Awstriýanyň başga bir topary «Red Bull Salsburg» bilen geçirýär. Topar myhmançylykda 4–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, 1-nji oýundaky ýeňşiň tötänlik däldigini görkezýär. Duşuşykda Sima 2 gezek tapawutlanýar. Beýleki gollary-da Kamara bilen Pereira Lage derwezä girizýär. 3-nji duşuşykda garşydaş 1–2-nji oýunlara garanyňda kyn-



rak topar — «Baýer» bolýar. Fransiýada oýnalan bu duşuşyk Lees-Melunyň hem-de Florian Wirtsiň garşylyklaýyn geçiren gollary esasynda deňlikde tamamlanýar. 4-nji duşuşyk Pragada ýerli «Spartanyň» garşysyna geçirilýär. Bu duşuşykda ýeňiş fransuz klubunyň tarapynda bolýar. Fernandes hem-de Kairineniň awtogoly bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Brest» häzirki wagtda 10 utukly 4 toparyň biri bolup, «Liwerpuldyr» «Sporting» hem-de «Monakodan» soň 4-nji orunda barýar.

Çempionlar Ligasynda taryhy başarnyk görkezýän «Brest» topary milli çempionatda geçen ýyl ýeňişlerinden azda-kände daşrak ýaryşy dowam edýär. 10 tapgyry tamamlanan çempionatda 4 oýunda ýeňiş gazanan «Brestiň» 5 ýeňlişi 1 deňligi bolup, 13 utuk bilen 11-nji basgançakda barýar. Elbetde, wagtal-wagtal «Brest», «Žirona» ýaly Ýewrokuboklarda tejribesi bolmadyk klublar üçin 2 uly ýaryşy ýokary netijeler bilen dowam etdirmek kyn düşýär. Bu ýagdaý kähalatlarda uly klublar üçinem ýeňil bolmaýar. Öňki ýyllarda «Malaga», «Union Berlin», «Hoffenhaým» ýaly käbir klublara Çempionlar Ligasyna ilkinji gezek gatnaşan ýyllarynda milli çempionat bilen bilelikde iki ýaryşda-da şowlulyk gazanmak başartmandy.

«Brest» topary Çempionlar Ligasynda hem «Barselona», hem-de «Real Madrid» bilen duşuşjak 2 toparyň biridir. Beýlekisi «Borussiýa Dortmund» klubudyr. «Brest» toparynyň Çempionlar Ligasyndaky galan duşuşyklary başdaky 4 oýundan agyrrak geçse gerek. «Barselona» (myhmançylykda), PSW, «Şahtýor Donesk» (myhmançylykda) hem-de «Real Madrid» toparlary bilen duşuşjak «Brestiň» mundan soňky oýunlarda gazanyp biläýjek utuklary olaryň ýaryşy dowam etdirmegi üçin ýeterlik bolup biler. Iň bolmanda, 24 toparyň arasyna girjekdigini welin, häzirden aýtsa bolar. PSŽ-niň aşaky orunlarda barýan ýaryşynda «Brest» topary ilkinji 8 toparyň arasyna giräýse, onda bu futboldaky garaşylmadyk uly wakalaryň biri hökmünde taryha girer. Ýöne ilkinji 4 oýunda görkezen başarnygy-da, klub üçin uly abraý bolup, ol toparyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylar.

*Gazetiň sport synçysy.*

# «Lasio» ýeke utuk hem ýitirmän gelýär

UEFA Ýewropa Ligasynda 4-nji duşuşyklar geçirildi. 4-nji duşuşyklardan soň diňe «Lasio» topary utuk ýitirmän ýoluny dowam edýär. Rimliler öz meýdançasynda «Porto» toparyny Pedronyň 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda ýeňmegi başardy (Romanýoli 45+2, Pedro 90+2 — Eustakio 66). Tapgyryň ýene bir öňe saýlanan duşuşygy Stambulda ýerli «Galatasaraý» bilen Angliýanyň «Tottenham» toparlarynyň arasynda oýnaldy. Çekeleşikli geçen oýunda türk kluby Ýunus Akgün hem-de Wiktor Osimheniň (2) gollary bilen 3-2 hasabynda ýeňiş gazandy. «Tottenhamdan» Lankşir hem-de Solankeniň gollary ýeňşe ýetmedi. «Galatasaraý» ýeňlişsiz ýörişini dowam etdirse, «Tottenham» ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Amsterdamda ýerli «Aýaks» Tel-Awiwiň «Makkabi» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. «Mançester Ýunaýted» bolsa Amad Diallonyň gollary bilen PAOK-y 2-0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Hoffenhaým» bilen «Lionyň» arasyndaky duşuşygyň soňky minutlarynda toparlar 2 gol geçirdi. 90+3-nji minutda Lakazett «Liony» öňe geçirse-de, «Hoffenhaýmdan» Tohumju 90+6-njy minutda hasaby deňledi we netijede duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlandy.



**UEFA Ýewropa Ligasynda 4-nji duşuşyklaryň netijeleri:**
Beşiktaş — Malmö: 2–1, Aýntraht — Slawiýa Praga: 1–0, Bude-Glimt — Garabag: 1–2, FKSB — Midtýullann: 2–0, Galatasaraý — Tottenham: 3–2, Elfsborg — Braga: 1–1, Nissa — Twente: 2–2, Olimpiakos — Reýnjers: 1–1, Ludogores Razgrad — Atletik Bilbao: 1–2, Ýunion Sent-Žilluaz — Roma: 1–1, Aýaks — Makkabi Tel-Awiw: 5–0, AZ Alkmaar — Fenerbahçe: 3–1, Dinamo Kiýew — Ferenswaroş: 0–4, RFS — Anderleht: 1–1, Wiktoriýa Plzen — Real Sosiedad: 2–1, Mançester Ýunaýted — PAOK: 2–0, Lasio — Porto: 2–1, Hoffenhaým — Lion: 2–2.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Lasio | 4 | 4 | 0 | 0 | 11-2 | 12 |
| 2 | Aýaks | 4 | 3 | 1 | 0 | 13-1 | 10 |
| 3 | Galatasaraý | 4 | 3 | 1 | 0 | 12-8 | 10 |
| 4 | Aýntraht | 4 | 3 | 1 | 0 | 8-4 | 10 |
| 5 | Anderleht | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-3 | 10 |
| 6 | Atletik Bilbao | 4 | 3 | 1 | 0 | 6-2 | 10 |
| 7 | Tottenham | 4 | 3 | 0 | 1 | 8-4 | 9 |
| 8 | FKSB | 4 | 3 | 0 | 1 | 7-5 | 9 |
| 9 | Lion | 4 | 2 | 1 | 1 | 8-4 | 7 |
| 10 | Reýnjers | 4 | 2 | 1 | 1 | 8-5 | 7 |
| 11 | Olimpiakos | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-3 | 7 |
| 12 | Bude-Glimt | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-5 | 7 |
| 13 | Midtýullann | 4 | 2 | 1 | 1 | 4-3 | 7 |
| 14 | Ferenswaroş | 4 | 2 | 0 | 2 | 7-4 | 6 |
| 15 | Man.Ýunaýted | 4 | 1 | 3 | 0 | 7-5 | 6 |
| 16 | Wiktoriýa Plzen | 4 | 1 | 3 | 0 | 7-6 | 6 |
| 17 | AZ Alkmaar | 4 | 2 | 0 | 2 | 6-6 | 6 |
| 18 | Beşiktaş | 4 | 2 | 0 | 2 | 4-8 | 6 |
| 19 | Hoffenhaým | 4 | 1 | 2 | 1 | 5-5 | 5 |
| 20 | Roma | 4 | 1 | 2 | 1 | 3-3 | 5 |
| 21 | Fenerbahçe | 4 | 1 | 2 | 1 | 5-6 | 5 |
| 22 | Porto | 4 | 1 | 1 | 2 | 8-8 | 4 |
| 23 | Slawiýa Praga | 4 | 1 | 1 | 2 | 3-3 | 4 |
| 24 | Elfsborg | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-8 | 4 |
| 25 | Real Sosiedad | 4 | 1 | 1 | 2 | 5-6 | 4 |
| 26 | Braga | 4 | 1 | 1 | 2 | 4-7 | 4 |
| 27 | Twente | 4 | 0 | 3 | 1 | 4-6 | 3 |
| 28 | Malmö | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-6 | 3 |
| 29 | Garabag | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-9 | 3 |
| 30 | Ýunion S.Žilluaz | 4 | 0 | 2 | 2 | 2-4 | 2 |
| 31 | RFS | 4 | 0 | 2 | 2 | 4-8 | 2 |
| 32 | Nissa | 4 | 0 | 2 | 2 | 4-8 | 2 |
| 33 | PAOK | 4 | 0 | 1 | 3 | 3-8 | 1 |
| 34 | Ludogores | 4 | 0 | 1 | 3 | 1-6 | 1 |
| 35 | Makkabi T. Awiw | 4 | 0 | 0 | 4 | 2-11 | 0 |
| 36 | Dinamo Kiýew | 4 | 0 | 0 | 4 | 0-10 | 0 |

# «ÇELSI» GOL BARYNY ÝAGDYRDY

UEFA-nyň 3-nji derejeli ýaryşy Konferensiýa Ligasynda 3-nji duşuşyklar geçirildi. Tapgyryň iň uly hasaply ýeňşi Londonda hasaba alyndy. «Çelsi» kluby Ermenistanyň «Noa» toparyndan 8-0 hasabynda üstün çykdy. 1-nji ýarymda 6 gol geçiren «Çelsiniň» gollaryny Adarabioýo (12), Giu (13), Disasi (18), Žoao Feliks (21), Mudryk (39) hem-de Nkunku (69, 76 p) geçirdi. Bu netije «Çelsi» klubunyň taryhynda iň uly hasaply 2-nji ýeňiş bolup, londonlylar 1971-nji ýylda Lýuksemburgyň «Ženess Eş» toparyny şol wagtky Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda 13–0 ýeňipdiler. «Çelsi» topary Konferensiýa Ligasynda 3 duşuşygynda-da ýeňiş gazanan 6 toparyň biri bolup, olar sanawyň başyny çekýär. Polýak klublary «Legia Warşawa» hem-de «Ýagelloniýa Belostok» toparlary bu tapgyrda-da garşy-




daşlaryny ýeňip, 2-3-nji orunlary paýlaşýarlar. Wenanyň «Rapid» topary, Portugaliýanyň «Witoria de Gimaraýnş» topary, şeýle-de, Germaniýanyň «Haýdenhaým» kluby «Çelsidir», «Legia» hem-de «Ýagelloniýa» ýaly 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanan beýleki toparlardyr.

«Fiorentinanyň» myhmançylykda APOEL-den utulmagy tapgyryň iň garaşylmadyk netijesi boldy.



**UEFA Konferensiýa Ligasynda 3-nji duşuşyklaryň netijeleri:**
Wikingur Reýkýawik — Boras Banýa Luka: 2–0, Petrokub Hynçeşty — Rapid Wena: 0–3, TSS — Lugano: 4–1, HIK — Olimpiýa Lýublýana: 0–2, Gent — Omoniýa: 1–0, Legia Warşawa — Dinamo Minsk: 4–0, Pafos — Astana: 1–0, Şamrok Rowers — Nýu Seýnts: 2–1, APOEL — Fiorentina: 2–1, Çelsi — Noa: 8–0, Ýurgorden — Panatinaikos: 2–1, Kopengagen — Istanbul Başakşehir: 2–2, Hart of Midlotian — Haýdenhaým: 0–2, Ýagelloniýa Belostok — Molde: 3–0, Larn — Seýnt-Gallen: 1–2, LASK — Serkl Brýugge: 0–0, Betis — Selýe: 2–1, Witoria de Gimaraýnş — Mlada Boleslaw: 2–1.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Çelsi | 3 | 3 | 0 | 0 | 16-3 | 9 |
| 2 | Legia | 3 | 3 | 0 | 0 | 8-0 | 9 |
| 3 | Ýagelloniýa Belostok | 3 | 3 | 0 | 0 | 7-1 | 9 |
| 4 | Rapid Wena | 3 | 3 | 0 | 0 | 6-1 | 9 |
| 5 | Witoria de Gimaraýnş | 3 | 3 | 0 | 0 | 7-3 | 9 |
| 6 | Haýdenhaým | 3 | 3 | 0 | 0 | 5-1 | 9 |
| 7 | Şamrok Rowers | 3 | 2 | 1 | 0 | 7-3 | 7 |
| 8 | Fiorentina | 3 | 2 | 0 | 1 | 7-4 | 6 |
| 9 | Pafos | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-2 | 6 |
| 10 | Olimpiýa Lýublýana | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-2 | 6 |
| 11 | Lugano | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-4 | 6 |
| 12 | Hart of Midlotian | 3 | 2 | 0 | 1 | 4-3 | 6 |
| 13 | Gent | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-5 | 6 |
| 14 | Wikingur Reýkýawik | 3 | 2 | 0 | 1 | 5-5 | 6 |
| 15 | Serkl Brýugge | 3 | 1 | 1 | 1 | 7-5 | 4 |
| 16 | Ýurgorden | 3 | 1 | 1 | 1 | 5-5 | 4 |
| 17 | APOEL | 3 | 1 | 1 | 1 | 3-3 | 4 |
| 18 | Betis | 3 | 1 | 1 | 1 | 3-3 | 4 |
| 19 | Boras Banýa Luka | 3 | 1 | 1 | 1 | 2-3 | 4 |
| 20 | Selýe | 3 | 1 | 0 | 2 | 7-6 | 3 |
| 21 | Omoniýa | 3 | 1 | 0 | 2 | 4-3 | 3 |
| 22 | Molde | 3 | 1 | 0 | 2 | 4-5 | 3 |
| 23 | TSS | 3 | 1 | 0 | 2 | 4-5 | 3 |
| 24 | Nýu Seýnts | 3 | 1 | 0 | 2 | 3-4 | 3 |
| 25 | Astana | 3 | 1 | 0 | 2 | 1-3 | 3 |
| 26 | HIK | 3 | 1 | 0 | 2 | 1-5 | 3 |
| 27 | Seýnt-Gallen | 3 | 1 | 0 | 2 | 6-11 | 3 |
| 28 | Noa | 3 | 1 | 0 | 2 | 2-9 | 3 |
| 29 | Kopengagen | 3 | 0 | 2 | 1 | 4-5 | 2 |
| 30 | LASK | 3 | 0 | 2 | 1 | 2-4 | 2 |
| 31 | Panatinaikos | 3 | 0 | 1 | 2 | 3-7 | 1 |
| 32 | Istanbul BŞ | 3 | 0 | 1 | 2 | 4-9 | 1 |
| 33 | Mlada Boleslaw | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-5 | 0 |
| 34 | Dinamo Minsk | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-7 | 0 |
| 35 | Larn | 3 | 0 | 0 | 3 | 2-9 | 0 |
| 36 | Petrokub Hynçeşty | 3 | 0 | 0 | 3 | 1-9 | 0 |




